
ÝELENA SOKOLOWA
BAGT
ŞÄHERI
ÇAGALAR WE ULULAR ÜÇIN ERTEKILER





ÇAGALAR WE ULULAR ÜÇİN ERTEKİLER

ÝELENA SOKOLOWA

# BAGY ŞÄHERI

# ATGULAK

Tikenler ýolagçynyň geýmine ýüregedüşgünçlik bilen ýapyşýardy, onuň aýaklaryndan gan akýardy. Köwşi onuň aýaklaryna şeýle bir degipdi welin, hatda ol ony çykarmaga mejbur boldy. Garyp obadan gaýdýan ýoda bireýýäm ýol bolupdy. Oba ýaşaýjylary şähere oba hojalyk önümlerini — ýag, gaýmak, ýumurtga, dorog, bakja önümlerini, bal satmak üçin alyp gelýärdiler. Ine, indi bir ýolagçy hem öz bal arysyny saklaýan ýerinden bazara bal alyp gelýärdi. Birneme özüne gelmek we özüniň tapdan düşen daşky sypaty bilen alyjylary gorkuzmazlyk üçin ýolgaçy şäheriň çetinde ýykylan bir agajyň ýanynda saklanyp, düşelge gurundy.

Dynç alyp bolanyndan soň, ol köwşüni geýjek boldy, emma aýaklary köwşe girmedi. Sypjyrylan we ýaralanan aýaklary köwşüň gaty gaýşyna degende, edil ot degen ýaly bolýardy.

Ýolagçy töweregine göz aýlanda, otlaryň içinde, edil ýere degip duran ýerde ullakan ýaşyl ýapraklary tapdy. Olar edil özlerini görmeklerini isleýän ýaly, otlaryň içinde batyrgaýlyk bilen seredip durdular. Ýolagçy eli bilen ullakan ýapraklary sypalady. Olar sowujakdy hem ýumşajykdy. Şondan soň ol olary ýolup, köwşüniň içine goýdy-da, köwşüni geýdi. Aýagyndaky agyrylar aýryldy.

Balyny şowly satyp bolup, şäherden yzyna gaýdanda, ýolagçy ullakan ýapraklary ýolan ýerinde saklandy. Bu ýerde ol köwşüni çykaryp, ýapraklaryň we tohumlan baldaklaryň üstünde aýakýalaňaç ýöredi we diňe şondan soň geýmine ýapyşan ýüregedüşgünç tikenlerden saplanyp, öz obasy tarapa ugrady.

Şeýdip, otuň tohumlary bütin sebite ýaýrady hem-de gitdigiçe köp meýdany tutdy.

Ajaýyp şypa beriji ot hakda ýolagçy öz obasynyň ýaşaýjylaryna gürrüň berdi, ondan soň adamlar üstünden ýöräp, ýadan aýaklaryny köşeşdirmek üçin şol ullakan ýapraklary tapmak üçin ýörite gözlediler. Ol ot ýolagçylaryň aýaklarynda getiren tohumlaryndan gögerip çykdy. Uly ýumşak ýapraklar ýol kimin bolup gögerdi, adamlar hem olaryň üstünde ýöremek üçin köwüşlerini çykarýardy, şeýdibem, onuň tohumlary has köp ýere ýaýrady. Bu ösümlik tikenli ösümlikleri gysyp, has-da çalt köpelip ugrady, şonuň üçin tikenli ösümlikler indi ýolagçylar tarapa uzalyp, olaryň geýimlerine ýapyşyp bilmeýärdi we ýaýramaýardy.

Tikenler gaharlanyp, ullakan ýumşak ýaprakly ösümlige gygyrdylar:

— Näçe ýyllardan bäri biz seni özümiziň gür ösen topbaklarymyz bilen ýok etmäge çalyşdyk! Hemmesi biderek boldy! Näme üçin şeýle ýumşak, aýgytsyz, düýbünden güýçsüz bolan sen bizden güýçli bolup çykdyň, biz senden güýçli hem ätiýaçly ahyry!

— Siz adama garşy göreşdiňiz, men bolsa, adam üçin göreşdim — diýip, çalaja eşidilýän ýuwaş ses bilen atgulak jogap berdi.

# TOMZAJYK, ADAM WE BÄGÜL

Tomzajyk süýji müşk ysy bilen özüne çekýän süýjüligi tapmak üçin aýaklaryny gezekli gezegine basyp, bägülüň uzyn baldagyna çykyp barýardy. Gysgarak ýoly tapmagam bolýardy, ýöne beýle bolanda, hezillik az bolýardy, sebäbi aşakda gülläp oturan gülleriň şiresi azdy.

Al-elwan bolup duran gyzyl ýapraklar tomus güneşiniň we gyzgyn ýeliň demi bilen döreden ýakymly ysy arkaly özüne maýyl edýärdi. Ahyrsoňy tomzajyk gül çogdumynyň özüne baryp ýetdi-de, süýji şiräni ýuwdup başlady. Şu pursatda ol özünden ýokarda aýlanyp ýören adamy gördi-de: «Wah, menem adam bolan bolsadym… güle çykmak üçin köp ýöremeli bolmazdym, gynanmazdym. Bir ädim ätsem, şire meniňki bolardy!» — diýip pikir etdi.

Bägülüň gözelliginden lezzet alyp durşuna, adam onuň üstündäki tomzagy görüp: «Tomzajyk bolan bolsadym… beýle köp zähmet çekmeli bolmazdym. Näzijek gül ýapraklarynyň üstünde hezil edip aýlanyp, hiç zat etmän, süýji şireden lezzet alar ýörerdim» — diýip pikir edýär.

Şeýdip, tomzajyk adama öwrüldi. Tomzak-adam ajaýyp bägüli görüp, beýle gözellige guwandy, güli ýolup alyp, penjeginiň ilik dakylýan ýerine ildirdi.

Adam tomzajyga öwrüldi. Adam-tomzak bägüli görüp, baldaga dyrmaşyp zordan çykdy-da, aýaklary bilen gül ýapraklaryny duýan badyna, indiki iýmit beriji gülleri gözläp töweregine seredip durşuna, şiräni nebsewürlik bilen iýip başlady.

Tomzak-adam adam-tomzaga geçirimlilik bilen seredip, iliginiň ýanyndaky bägüli düzetdi-de, başyny ýaýkady:

— Görgüli tomzajyk garnyny doýursa bolýar. Nähili gözelligi aýaklary bilen depeleýänine-de düşünenok.

Adam-tomzak tomzak adama nebsiagyryjylyk bilen seredip, nebsewürlik bilen garnyny doýrup durşuna:

— Görgüli, iýmitiň daşynda aýlanyp ýör, özüni nähili süýjülikden mahrum edenini bilenok. Ol akmak bolsa, bägülden özüne bezeg ýasanypdyr — diýdi.

Tomzak-adam birden iliginiň ýanyndaky bägüle aljyraňňylyk bilen seretdi-de gorkdy:

— Men adam ýaly pikir edip başladym! Eger şiresinden lezzet almajak bolsam, maňa bägül nämä gerek? Adam bolasym gelenok!

Şeýdip, tomzak-adam ýene iň süýji gülüň gözleginde baldaga şadyýan çykyp barýan tomzajyga öwrüldi.

Bägülüň üstünde oturan adam-tomzak birden töweregine gorkup seredeninde gorkdy:

— Men tomzak ýaly pikir edip başladym! Munuň ýaly ajaýyp gülüň gül ýapraklaryny men näme üçin depeläp ýörün? Men onuň gözelligini gymmat hasaplamagy ýadymdan çykaraýdymmykam? Tomzak bolasym gelenok!



Şeýdip, adam-tomzak baldakdan ýokary galyp barýan möjejige ýokardan seredip duran adama öwrüldi.

Bägül bolsa… Bägül bagtlydy, sebäbi her kime isleýän şatlygyny sowgat berip bilýärdi.

# AÝAZ BABA

Ap-ak gar üýşmekleri sowuk gyş güneşiniň astynda öwşün atyp durdy. Gara bürelen sosnalar we arçalar dabaraly hem baýramçylyk lybasynda ýaly görünýärdi. Aýaz baba agaçdan ak öýüň haşamlanan buz eýwanynda buzgaýmak iýip, telewizora seredýär. Telewizorda giň köçelerde salgym ýaly bolup görnüp köp gatly jaýlary bolan uly şäheriň ýaşaýjylary hakdaky dokumental film görkezilýärdi. Şäherde-de gyş paslydy. Adamlar öýlerinde irden turýardylar-da, şüle we kofe taýýarlaýardylar, heýgenek bişirýärdiler we hurşly çörekleri taýýarlaýardylar, soň hem kimsi işe, kimsi okuwa, kimsi dükana, kimsi-de saglyk öýüne gidýärdi. Adamlar her dürlüdiler — gödek hem mylakatly, gaharjaň hem ýumşak häsiýetlidiler. Olar duralgalarda itekleşýärdiler, ýoldan ylgap geçýärdiler, ulaglarda ýer eýelemäge howlugýardylar. Olaryň hemmesi Täze ýylyň gelerine garaşýardylar, sowgat almagy arzuw edýärdiler. Her kim sowgatsyz galaryndan gorkýardy.

Täze ýyla Aýaz baba-da garaşýardy, ýöne şäherlilerden tapawutlylykda, ol diýseň asudady, sebäbi hemmeleriň — çagalaryň oýnawaçlar hem süýjüleri, ulularyň şatlyk hem şagalaň sowgat aljaklaryny anyk bilýärdi. Aýaz

baba gitmäge bireýýämden bäri taýýarlyk görüp ýördi, onuň gyzyl çaýylan atarabasy hyryn-dykyndy. Aýaz baba telewizorda görkezilýän zatlara seredip oturdy-oturdy, soň birden kellesine şähere bir gün öňünden ugramalydygy baradaky pikir geldi. Ol köçelerde itekleşmek, telewizorda görkezilýän däl-de, hakyky adamlary görmek, olaryň edýän gürrüňlerini diňlemek, näme arzuw edýänini bilmek isledi.

Aýaz baba buzgaýmagy iýip boldy, onuň daşyndaky buz wazajygy gütürdedip iýip ýuwutdy, soň hem telewizory söndürip, agaç öýünden çykdy-da, uzyn howlynyň içi bilen altyn çaýylan at ýatagynyň derwezesine tarap ugrady. Hojaýynynyň aýak sesini eşidip, atlaram şadyýan horkuldaşdylar. Derweze açyldy. Atlaryň ýallarynyň agaryp öwşün atmasy, hatda Aýaz babany hem gözlerini ýummaga mejbur etdi.

— Eý, meniň ajaýyp atlarym! Meniň ynamdar dostlarym! Meniň adatdakysyndan bir gün ir gelenime haýran galýarsyňyzmy? Adamlaryň ýanynda birje gün myhman bolmak isleýärin.

Atlar garşylyk görkezmäniň alamaty hökmünde ýallaryny silkelediler, emma Aýaz baba öz diýeninde berk durdy:

— Meniň bilen jedelleşmäň. Özüňizi tanajakdyklarynyň, Täze ýyl eýýäm gelendir diýip pikir etmekleriniň mümkindigi üçin biynjalyk bolýandygyňyzy bilýärin. Men hemme zadyň aladasyny etdim: siz meniň bilen azajyk gezelenç etmeli bolarsyňyz, şonda siziň eýýäm barmaly ýeriňize barandygyňyzy şäherdäkiler bilmezler.

Bu sözleri aýdanyndan soň, Aýaz baba derwezäni açyp, treýleri itip çykardy-da, oňa gyzyl çaýylan ataraba-

lara goşulan atlary ýükledi. Özi-de ruluň başynda oturyp, ýola düşdi.

Gün eýýäm batypdy. Gar ownuk bölejik bolup ýagyp durdy. «Süpürgiç» ulagyň öňki aýnasyndaky garlary tabyn bolujylyk bilen süpürýärdi. Kabinanyň içi ýyljajykdy, täze ýyl aýdymlary — «Arçajyk tokaýda doguldy», «Kiçijik arçajyk gyşda üşeýär», «Salam, Täze ýyl!» we başga-da köp aýdymlar ýaňlanýardy. Aýaz baba kä gazyň pedalyna basyp, kä-de tormoza basyp, howlugýan ulaglary geçirip gidip barýardy. Ol köçe hereketleriniň düzgünlerini gowy bilýärdi we ýol belgileriniň talaplaryna tabyn bolýardy. Ine, olaryň biri treýleriň PÝGG-nyň postuna golaýlaşýandygyny habar berdi, şonuň üçin Aýaz baba tizligini 40 km. sagada çenli aşaklatdy. PÝGG-nyň ofiseri ala tagaýyny galdyryp, Aýaz babanyň öňüne çykdy. Aýaz baba saklandy.

— Sürüjilik şahadatnamaňyzy görkeziň! — diýip, ofiser özüni düşnüksiz tanyşdyranyndan soň talap etdi.

Aýaz baba ýolagçynyň oturýan ýerinde ýatan ullakan elliklerini alyp, ol ýerden sürüjilik şahadatnamasyny aldy.

— Näme alyp barýarsyňyz? — diýip, PÝGG-nyň ofiseri sürüjiniň uzyn ak sakgalyna şübheli seredip sorady.

— Çagalara sowgat. Aýaz baba başga näme äkidip biler? Sen näme, gardaş, meniň kimdigimi göreňokmy? Ýigrimi bäş ýyl mundan ozal arçanyň aşagynda saňa meniň sowgat goýanym ýadyňda dälmi? Sen garagol bolsa, meni sowgat goýup duranymyň üstünde tutjak bolup uklamaýardyň-da, jyklap otyrýardyň. Emma men mekirlik edip, hemme zady sen meniň syrymy açyp bilmez ýaly edipdim.

Ýol tertibiniň janköýeri çürt-kesik sorag berdi:

— Siz aktýormy?

— Ýok, diýip durun-a, men Aýaz baba, şahadatnama seret, ol ýerde düşnükli ýazylandyr, suratymam bar.

— Ýüküň resminamasyny görkeziň.

— Ýene nähili resminama? Bu meniň ýüküm. Özümiňki. Oňa resminama gerek däl. Men satamok-da, sowgat berýärin.

PÝGG-nyň işgäri sürüji para berjek bolýandyr öýdüp, tutanýerlilik bilen haýyş edip:

— Furgony açyň-da, ýüki görkeziň. Tertip tertip bolýar — diýdi.

Aýaz baba kabinadan düşende, uzyn gyzyň possunyny we keçe ädigi görüp, ýoluň garawuly gülmän zordan saklandy. Furgon açylanynda bolsa, ol gaşlaryny çytdy:

— Siz näme, degişýärsiňizmi? Ulag rugsat berilmeýän zatlardan doly, üstesine-de, haýwanlar bar. Mende siziň ertekiňizi diňläp durmaga wagt ýok. Düzgün bozmalary resmileşdirýäris.

Aýaz baba aljyrady:

— O nähili rugsat edilmeýän zat, näme üçin rugsat berilmeýär? Eýsem, seniň gyzyň Güllerjigiň tüýlüjesi üçin sargan suwa düşürilýän legenjigi rugsat edilmeýän zatmy? Şol tüýlüjäni sen onuň doglan gününe sowgat beripdiň.

— Meniň gyzymyň tüýlüje üçin suwa düşürilýän legeni isleýänini siz nireden bilýärsiňiz? Güllerjigiň… nireden bilýärsiňiz?

Aýaz baba ullakan adamyň düşünmezekligine gülüp, geçirimlilik bilen jogap berdi:



— Ol maňa hat ýazdy ahyry. Sowadyjynyň doňduryjysyna goýdy. Häzir men ony saňa görkezeýin.

Soň Aýaz baba possunynyň ullakan jübüsinden bir topbak hat çykardy-da, tertiplije edilip eplenen konwertsiz kagyzy ofisere uzatdy. Ol özüniň alty ýaşlyja Güller gyzynyň egrem-bugram edip ýazan hatyny birnäçe gezek okady. Bu, dogrudanam, onuň hatydy, ýöne şübhe ýitip gitmedi.

— Bilýärsiňizmi, men häzir işde, şonuň üçin ertekä ynanmaga hakym ýok, ýöne… eger siz hakyky Aýaz baba bolsaňyz, onda, goý, atlaryňyz asmana galsynlar.

— Olara wagtyndan öň, Täze ýyl gijesi gelmänkä, uçmak bolmaýar, ýogsam, Täze ýyl wagtyndan öň geler-de, köp betbagtçylyklar bolar: kimdir biri «söýýärin» diýip bilmez, kimem «bagyşla».

— Bu zatlaryň hemmesi bahana.

— Bilýärin, sen kakaňyň buýran işini etmekden boýun gaçyranyňda, ol saňa mydama şeýle diýýärdi. Ýöne, ine, men saňa näme diýýärin, hemme zady ene-ataň yzyndan gaýtalamak hökman däl.

Ofiseriň gözleri edil çaganyňky ýaly uçganaklady.

— Näme üçin men size ynanmagy şeýle isleýärin?

— Megerem, seniň ertekileriň hakykylygyny ýatdan çykarmandygyň we Güllerjige gowy kitaplary okap berýändigiň sebäplidir.

— Näme diýseňizläň, sizi saklap durmaga hakym ýok. Geçiberiň, biziň, adamlaryň aramyzda nirede bolsaňyzam, üstünlik hemraňyz bolsun!

Ir ertir bilen Aýaz baba şäheriň gyrasyndaky oýnalýan seýilgähiň ýanynda saklandy-da, signal berdi.

Derwezäniň aňyrsyndan garawul çykdy-da:

— Aýaz baba, seni görenime diýseň şat! Sen bu gezek näme üçindir irräk geldiň. Men saňa ertir garaşýardym — diýip, şatlykly ýüzlendi.

— Salam, gadyrdan garawul! — diýip, Aýaz baba kabinadan böküp düşende jogap berdi. — Ine, şähere gezelenç etmek we adamlaryň arasynda itişip ýörmek isledim.

— Beýle etmek bolanok, saňa eşigiňi çalyşmak gerek. Mende eşikden diňe kurtka bilen jinsi bar.

— Edil gerek zatlar, häzir adamlaryň hemmesem şonuň ýaly geýinýärler. Ýöne iň bolmanda ýarym sagatjyk irkileýin, ýolda ýadadym.

Aýaz baba garawulyň öýjagazynda ukusyny aldy. Ertesi gün ol agşamlyk jinsisini we açyk reňkli sintetik kurtkasyny geýdi-de, sakgalyny onuň aşagynda gizläp, oýun oýnalýan seýilgähe tarap ugrady. Dar köçelerden köp adamly şaýola çykyp, ol mähelläniň içinde gaýyp boldy we ýöräp barşyna, töweregindäkileriň aýdýan zatlaryna gulak asdy. Ine, är-aýal Täze ýyly nirede bellemelidigini dawasyny edýärler. Ine, ýigit bilen gyz arça satyn almaga pulunyň ýetjek ýetmejegini hasaplaýarlar. Iki sany aýal bolsa, oliwýe işdäaçaryna alma salsa bolýan bolmaýandygynyň gürrüňini edýär.

— Waý, seretsene, nähili gülkünç babajyk! — diýip, kimdir biri gygyrdy. — Gyşda, aýazly howada, ol ýukajyk kurtkaly ýör! Özem nähili semiz! Belki, garpyz ýuwdandyr. Elligi nähili gülkünç! Edil Aýaz babanyňky ýaly!

Aýaz babanyň öňünde on iki ýaşlaryndaky oglan barmagyny çommaldyp we deňinden geçýän adamlaryň ün-

süni çekip bökdi. Aýaz baba utandy-da, yzyna kiçi köçä, oýunly seýilgähe tarap ylgady. Oglan beýleki oglanlary hem çagyryp, onuň yzyndan galmady:

— Eý, oglanlar, geliň, ony garlalyň!

Aýaz baba gorkdy-da, ýüzüni elleri bilen ýapdy we tizligini ýokarlandyrdy. Ýöne oglanjyklar ondan çaltdylar, ine-de, olar onuň yzyndan ýetdiler, garlaram, eýýäm uçup gelip, arkasyna degip başlady. Şol wagt Aýaz baba gaty gorkup, ilki duş gelen dükana ylgap girdi.

— Siz bir zat satyn almakçymy? — diýip, garawul birgeňsi geýnen goja seredip, çynlakaý sorady.

— Ýok, kömek ediň, erbet oglanjyklar meniň üstüme hüjüm etdiler.

— Bu ýeri size polisiýa däl, eger hiç zat satyn almakçy däl bolsaňyz, onda gitmeli bolarsyňyz.

— Haýyş edýärin, meni kowmaweriň — diýende, Aýaz baba tas aglapdy. — Men siziň ogluňyza iň gowy sowgady taýýarladym!

Garawul gülküsini saklap bilmedi we munuň ýaly alyjy bilen sypaýyçylygy bes etmegi makul bildi:

— Sende sowgat, onda-da iň gowy sowgady satyn alara pul nireden bolsun? Sen öýsüz-öwzarsyz ahyry!

— Men öýsüz-öwzarsyz däl, men munuň ýaly adamlary asla bilmeýärin. Men Aýaz baba. Men size sowgat alyp geldim.

— Kellämi agyrtma-da, dükandan çyk!

Aýaz Baba ýüzüni elleri bilen ýapyp çykdy we şobada kellesine gar tokgasy degdi. Oglanjyklar hezil etdiler.

— Eý, öýsüz, sen nirede ýaşaýarsyň? Biz seni öýüňe çenli ugradarys!


31

— Bes ediň, garagollar — diýip, Aýaz Baba haýbat atdy. — Ýogsam, polisiýa aýdaryn. Meniň PÝGG-nyň işgäri bolan tanşym bar, ol siziň kakaňyza jerime salar!

— Ha-ha-ha! — diýip, garagollar hezil etdiler. — Nähili gülkünç zat, ol polisiýa bilen dostmuşyn. Biziň bolsa, kakalarymyz prezident! Hemmämiziňem!

Adamlar deňinden geçip gidýärdiler, Aýaz baba olara umytly seredýär, emma olar edil hiç zat eşitmeýän we görmeýän ýalydylar. Azar berilýäne hiç kim kömege howlukmaýardy, şonuň üçin ol güýjünde baryny edip, oýunlar seýilgähine tarap ylgady. Ýöne oglanjyklar ondan-da çalt ylgadylar. Seýilgähiň derwezesiniň öňünde olar tas gojanyň kurtkasyndan tutupdylar.

Şol wagt Aýaz baba özüne azar berýänler tarapa öwrüldi-de, elini olar tarapa uzadyp bir zatlar diýdi. Oglanjyklar şobada buz heýkeline öwrülip doňup galdylar-da, derrew uly şakyrdy bolup pytradylar. Indi gara bürelen asfaltyň üstünde döwlen aýna meňzeş birnäçe tümmejik ýatyrdy. Aýaz Baba bu buz bölejikleriniň hemmesini elliginiň we haltasynyň içine ýygnap, garawulyň öýüne alyp bardy.

Garry garawul gaýgyly Aýaz babany görüp, şäherde näme görenini, nähili gyzykly zatlary tapanyny sorap başlady.

— Ah, — diýip, Aýaz baba gaýgyly dem aldy. — Eger bu şäherde nämeleriň bolýandygyny öňünden bilen bolsam, hiç kimem menden sowgat almazdy! Çagalaram, ulularam sowgat alyp bilmezdiler! Hiç kimem!

— Näme boldy ahyry?

— Oglanjyklar üstüme hüjüm etdiler, gaharymy getirdiler, gaharymy getirdiler… Dükandan kowdular… Pikir

edip bir gör, hiç kim tarapymy almady. Men Aýaz bolsam-da, baba ahyry.

— Sen nädip halas bolduň?

— Nädip-nädip? Men baba bolsam-da, barybir Aýazdyryn. Ine, olar, garagollar — diýip, Aýaz baba elliginden we haltasyndan stoluň üstüne bir tümmek buzy dökdi.

Garawul gorkup gygyrdy:

— Sen näme edäýipsiň? Sen olary doňdurypsyň, olar senden sowgada garaşýardylar ahyry!

— Sen gorkmasana, gowusy maňa fonary getirip ber, ol treýleriň kabinasynda ýatyr.

Garawul asylýan ullakan fonar bilen gaýdyp geldi.

— Bu fonar ýönekeý däl-de, jadyly fonardyr. Eger ony ýüregiň tarapa gönükdirseň, ýylyň dowamynda eden gowy işleriňi ýürek doňan ýagdaýda bolsa-da, urmaýan bolsa-da görkezýär. Ine, seret.

Aýaz baba fonary buz bölejikleri ýatan stoluň ýokarsynda asyp goýdy-da ýakdy. Buz tümmeginiň daşynda ýagtylyk peýda bolup, dürli reňkdäki älemgoşara öwrülip, diwara düşdi. Edil ekrandaky ýaly bolup, diwarlarda buza öwrülen oglanjyklaryň durmuşyndaky şekiller peýda boldy. Ine, olaryň biri guşlara höwürtge ýasaýar. Beýlekisi kiçi jigisine kitap okap berýär, üçünjisi bolsa, ejesine kömek edip, gap-gaçlary yhlas bilen ýuwýar. Şonuň ýaly şekiller köp peýda boldugyça-da, fonaryň şöhleleri ýagtyldy we gyzdy. Stoluň üstündäki buz bölejikleri eräp, suw peýda boldy-da, pola akdy, suwdan hem oglanjyklar emele geldi. Ahyrsoňy garawulyň jaýynda buza öwrülenleriň hemmesi dik durdy, ýöne biri ýokdy.

Fonar gitdigiçe gyzyberdi, gyzyberdi, emma galan tümmejik diwaryň ýüzünde älemgoşar ýagtysyny saçmady. Onda birgeňsi Aýaz baba gar atmany başlan urşagan garagol oglan doňdurylypdy.

Aýaz gorkdy:

— Bütin bir ýylyň dowamynda ýekeje-de gowy iş etmedik çaga bolar diýip pikir hem etmeýärdim.

— Indi näme bolar? — diýip, gorkan çagalar bilen garawul sorady. — Ony yzyna nädip gaýtaryp getirmeli?

— Bir usuly bar — diýip, Aýaz baba sakgalyny oýlanyşykly darady.

— Nähili?

— Edil şu garagolyň deregine bolan ýaly, siziň haýsyňyz hem bolsa biriňiziň buz bolmaga razy bolmagyňyz gerek.

Oglanlar biri-biriniň ýüzlerine seredişdiler, hiç kim ýene bir gezek buza öwrülmek islemeýärdi, şonuň üçin hemmesi ýüzlerini aşak salyp dymdylar.

— Wagt tükenip barýar, meniň fonarym sönýär, şonda bu garagol ömürlik doňdurylan görnüşde galýar — diýip, Aýaz baba aýtdy.

— Bolýar, men razy — diýip, oglanlaryň biri aýtdy.

Aýaz baba elini galgatdy welin, batyr oglan ýene buza öwrüldi. Minutsaýyn sönüp barýan fonaryň ýagtysy iki buz tümmeginiň üstüne düşdi, soň diwarda älemgoşar şekil peýda boldy: batyr oglan ýamanlyk toruna çolaşan beýleki oglana elini uzadýar. Ol hem batyr oglanyň elinden ýapyşýar welin, batyr oglan hem tas tora çolaşypdy. Batyr oglan urnup, tory ýyrtmaga çalyşdy, onuň aýalarynda gan damjalary peýda boldy. Şol gyzyl damjalar buza garyşyp, ot kimin bolup, ony eredip başlady-da, suwa



öwürdi. Suw pola akdy, şeýdibem, suw üýşmeginden iki sany oglan sag-aman direlip çykdy.

— Meni bagyşlaň, — diýip, öňki garagol Aýaz baba ýüzlendi. — Men siziň göwnüňize gaty degdim. Bu zatlaryň sebäbi hiç haçan erteki okaman, şeýle yzgytsyz bolup ýetişenimdedir.

— Tizara Täze ýyl — diýip, Aýaz baba elini şadyýan çarpdy. — Munuň ýaly baýramçylykda hiç kim bagyşlanman galmaly däldir. Şeýle-de bolsa, howlukmak gerek, hany, hemmäňiz meniň atarabama böküp münüň bakaly.

Köçedäki çyralaryň ýagtysyna ýagyp duran gar ýalpyldaýardy. Altyn çaýylan ataraba yzynda gar tüweleýini galdyryp uçup diýen ýaly gitdi. Aýaz baba göz açyp ýumasy salymda oglanjyklary barmaly ýerlerine alyp bardy. Oglanlar öýlerine baranlarynda, arçanyň aşagynda hersi bütin ýylyň dowamynda arzuw eden sowgadyny tapdy.

Aýaz baba atarabasy boşaýança, baýramçylyk çyralarynyň ýaldyraşyp duran şäheriň üstünde aýlandy. Täze ýyl gijesi tamamlanyp barýardy, şonuň üçin yzyňa gaýtmaga taýýarlyk görmek gerekdi. Birden ol meýdançada ýeke aýlanyp ýören kir hem ýyrtyk geýimli gojany gördi. Altyn çaýylan ataraba göni bu garyp adamyň öňünde ýere gondy. Ol edil näme bolýanyna düşünmän, ýeriň içinde doňan ýaly bolup, duran ýerinde doňup galdy.

— Sen näme üçin baýramçylyk saçagynyň başynda däl-de, köçede ýeke ýörsüň? — diýip, Aýaz baba ondan sorady.

— Üstümden gülýärsiňmi? Nähili saçak? Meniň öý-öwzarym ýok. Men öýsüz.

— Ine, öýsüzler nähili bolýan eken! — diýip, Aýaz baba ýüzlendi. — Diýmek, dükanda meni sendir öýdüpdirler-dä! Täze ýylyňa näme sowgat bermeli, gadyrdan öýsüz?

— Gyzgynjak hurşly çörek bolaýsa, tüýs ýerine düşerdi.

— Bolýar, sen soraýan zadyňy alarsyň. Baýramçylyk edip bolanyňdan soň, oýunly seýilgähe bar-da, garawuly tapyp, oňa özüňi Aýaz babanyň ugradandygyny aýt. Garawul seniň aladaňy eder, ýöne sen onuň diýenleriniň hemmesine gulak as.

Aýaz baba elini çarpanda, gojanyň öňünde üsti gyzgyn hurşly çörek, çaý we mandarinler goýlan saçak peýda boldy. Goja hatda atarabanyň asmana galanynam duýman, iýmitiň üstüne topuldy. Soňky ownuklar ýuwdulyp, agzyna atylandan soň, saçagyň özem gaýyp boldy.

— Beýle zadam düýşe girjek eken — diýip, goja ýylgyrdy. — Şeýle-de bolsa, hemme zat huşdaky ýaly boldy, esasy zat hem garnym açlykdan ýaňa jugurdamasyny bes etdi, indi ajygamok. Şol sakally geň adam ýene näme diýd-ä? Oýunly seýilgähe baryp, haýsydyr bir garawuly tapmaly. Aýdaly, baryp, ony tapdymam-da. Men oňa näme diýeýin? Meni Aýaz baba seniň ýanyňa ugratdy… Şeýle etsem, meni dälihana saljaklary anykdyr. Ýok, bolmaz, bizi aldap bilmersiň. Hiç hili Aýaz baba ýok, muny men, ejem bilen kakam Täze ýylyň öň ýanynda aýdanlarynda hem bilýärdim. Özleri sowgatlary arçanyň aşagynda gizläp goýýardylar-da, ony Aýaz babanyň goýanyny aýdýardylar…

PÝGG-nyň baýramçylyk agşamynda nobatçylyk edenleri ýetip gelen Täze ýyl bilen biri-birlerini gutladylar.

— Bu gezek biz Aýaz babadan gowy sowgatlary aldyk! — diýşip, olar biri-birleriniň öňlerinde öwündiler.

— Bu sowgatlar bilen şähere girende, men Aýaz babany gördüm. Ondan ýüküniň resminamasyny soranyma utanýaryn.

Işgärler düşünmän biri-biriniň ýüzlerine seredişdiler-de, gürrüňe başlan ofiseriň üstüne ýaňsyly soraglary gaýdyrdylar:

— Aýaz babany gördüňmi? Ýeri, ol nähili eken, çagalaryň kitaplarynda suratyny çekişleri ýalymy? Belki, sen iş wagtynda uklansyň, bu-da seniň düýşüňe girendir?

PÝGG-nyň ofiseri Aýaz baba hakda, oňa duş geleni hakda dil ýaranyna şobada ökündi. Işdeşleri onuň üstünden aç-açan güldüler, ol bolsa, utanyp ýere girere geldi. Şol pursatda… hemmeler nämedir bir zadyň ýere degmän, durky bilen ýalpyldap, özlerine tarap ýokary tizlikde uçup gelýänini gördüler. Şol «nämedir bir zat» PÝGG-nyň duran ýerinde birden saklandy. Iki sany uzyn ýally ata goşulan altyn çaýylan ataraba olaryň öňünde durdy. Atarabany öz tanşyna elini bulap duran Aýaz baba sürüp barýardy:

— Salam, dostum, ýagdaýlaryň nähili?

— Salam, meniň ýagdaýlarym gowy — diýip, ofiser şadyýan jogap berdi. — Seniň treýleriň nirede?

— Şäherde galdy. Gar eränden soň, oýunly seýilgähiň garawuly ony alyp barmaly ýerine elter. Sen oňa päsgel berme, haýyş edýärin.

— Bermen, söz berýärin. Bu gezek senden kimiň iň gowy sowgadyny alanyny bilip bolarmy?

— Bir garagol.

— Ýeri, sen oňa näme sowgat berdiň?

— Sagdyn, duýgudaş hem açyk ýürek — diýip, Aýaz baba jogap berdi.

Altyn çaýylan ataraba ýerden ýokary galdy-da, PÝGG postunyň üstünde bir aýlaw edip, indiki Täze ýyla çenli uçup gitdi!

# TOKAÝDAKY GURBAGA WE KÖMELEKLI SEBET HAKDA

Hurma basgançagyň ýanynda durup, gözýaşyny zordan saklap durşuna, gapynyň jaňyna basdy. Gapyny enesi açdy-da, ondan:

— Ýeri, saňa näme boldy? Saklanman jaňy basýarsyň — diýip sorady.

Hurma girelgede portfelini goýup, ýol ugra köwşüni zyňyp, aşhana ylgap geçdi-de, ýüzüni aýalary bilen ýapyp möňňürip aglady. Enesi agtygynyň ýanyna howlukmaç bardy:

— Hurma jan, düşündirsene, näme boldy?

Hurma horkuldap gürledi:

— Bu gün klasdaky çagalar Mergeniň gaharyny getirdiler, menem onuň tarapyny çaldym. Olar hem meniň özümi görkezýänimi, wajyp adam bolansyraýanymy, mugallymyň öňünde görünjek bolýanymy we aşyk bolanymy, şol sebäpden hem öz işim bolmadyk zada burnumy sokýanymy aýtdylar.

Hurma ýene möňňürdi. Enesi bolsa, mikro tolkunly peçde blinçigi ýylatdy, sowadyjydan ülje mürepbesini aldy:

— Al, iý. Derrew göwnüň açylar.

— Iýesim gelenok. Hiç zadam islämok — diýip, Hurma aýtdy.



Enesi agtygynyň gözýaşlaryny süpürdi-de, oňa gyzgyn çaý guýdy. Hurma bäş sany blinçik iýdi, çaý içdi, soň hem:

— Iýesim gelenok — diýdi.

— Bilýärsiňmi, bu zatlaryň hemmesi maňa bir gurbaga hakdaky wakany ýatladýar — diýip, enesi aýtdy.

— Gurbagany? — Hurma haýran galyp, enesine çyny bilen seretdi.

— Hawa, gurbagany. Bir gezek seniň ataň kömelek ýygmak üçin tokaýa gitdi. Ol ýany bilen ullakan sebet alyp gitdi. O tokaýda bir gurbaga görüpdir-de, tokaýy dolduryp warkyldapdyr: «Biziň ýanymyza bir adam çybyn üçin gelipdir. Munuň ýaly uly sebede näçe çybyn sygýar! Eý, tokaý halky, ätiýaçlyk iýmitiňi ýygna, ýogsam, açlykdan öleris» — diýýän ýaly gygyrypdyr. — Soň şol gurbaga çybynlaryň yzynda böküp, mümkin boldugyça olary köp ýuwdup başlapdyr.

— Ene, sen ýene öz ertekiňe başladyň. Meniň işim çynlakaýrak — diýip, Hurma gaharlanýar.

— Menem çynlakaý zat hakda gürrüň berýärin-dä, — diýip, enesi jogap berýär. — Bilýärsiňmi, tokaýda nähili başagaýlyk bolupdyr? Belkalar gozalardan ätiýaçlyk toplamaly, kirpiler özleriniň gowy görýän zäherli kömeleklerini hinlerinde gizlemäge, guşlar hem gurçuklary tiz çokup iýmäge başlapdyrlar.

— Elbetde, her kim öz iýmiti hakda pikir edipdir-dä — diýip, Hurma belleýär.

— Hut şeýle. Ataň kömelek ýygyp, sebede goýup başlanda, gurbaga, haýran galmadan ýaňa agzyny açypdyr, hatda şonda onuň agzyndan birnäçe çybynam gaçypdyr. Gurbaga tokaýa çybyndan başga zat üçin barl-

yp bilinjekdigine düşünmändir. Beýle bolsa, sebet nämä gerek?

— Belkalar tokaýa nädip goza üçin, guşlar nädip gurçuk üçin barylmajakdygyna düşünmändirler, kirpilerem öz gaýgysyny edipdir — diýip, Hurma alyp göterdi.

— Eger seniň ataň öýde ümsümjek oturan bolsa, beýle başagaýlyk bolmazdy. Munuň tersine, ol ullakan sebet bilen tokaýa gitdi. Düşündiňmi?

— Ýok — diýip, Hurma dogrusyny aýtdy.

Enesi eginlerini gysdy:

— Adam hiç zat etmedik wagty, ol hakda hiç zadam diýmeýärler. Ol ýerinden gozganan badyna, hökman gürrüňler başlanýar. Her kim öz gelen netijesini, aýratynam, bilip goý, adamyň iýýän, gowy görýän zadyndan çen tutup, gelen netijesini çykarýarlar. Kimiň durmuşy maksady pul bolsa, şol dünýädäki hemme zatlar pul üçin edilýändir diýip pikir edýär. Kim şöhratlanmak isleýän bolsa, şol hem hemmeler şöhratlanmak isleýärler diýip hasaplaýar. Kimdir biri ýokary çekilmek ýa-da ýene bir zady isleýär. Şonuň ýaly adam nämedir bir zady pul ýa-da şöhratlanmak, ýa-da başga bir zat üçin nädip edip bolýanyna düşünip bilmeýär. Ýa-da… aşyk bolmany üçin edilýänine düşünmeýär.

Hurma horkuldady:

— Mundan nädip goranyp bolýar?

— Hiç hili, onuň ýaly serişde ýok, — diýip, enesi aladasyz jogap berdi. Ýöne nädip şonuň ýaly kazy bolmaly däldiginiň usuly bardyr, özem örän ýönekeýdir.

Hurmanyň gözleri şobada gurady we umytly uçganaklady.

— Bilýärsiňmi, Isa Mesih Özi hakda näme diýdi? — diýip, enesi sorady. — Meniň iýmitim Gökdäki Atamyň islegini ýerine ýetirmek — diýdi. — Düşünýärsiňmi, Isa Mesih hut şonuň üçin hem, adamlara nurly garaýyş bilen seretdi, adamlar hakda gowy pikir etdi we hemmeler bilen islendik temada açyk gürrüň etdi. Aýallar hem erkekler, baýlar hem garyplar, patyşalar hem gullar bilen gürleşdi. Eger ikimiziň iýmitimiz Hudaýyň islegini ýerine ýetirmeklik bolsa, onda biz adamlaryň hereketlerine we edýän zatlaryna arassa gözler bilen serederis. Şonda bize adamlar bilen gürleşmek aňsat bolýar. Mukaddes Kitapda aýdylyşy ýaly, kimiň gözi ýagty bolsa, şonuň hemme zady-da ýagtydyr.

Hurma stoluň başyndan turdy-da, enesini berk gujaklady we ony ogşady:

— Sen nähili akylly!

— Gyzym, men däl-de, Mukaddes Kitap akylly. Men ony köpden bäri okamok.

# KAKASY, FUTBOL WE MATEMATIKA BOÝUNÇA MESELE

Hemişe bolşy ýaly, Serdar öý işini tizräk edip gutarmak isledi.

Rus dilinden gönükmäni göçürip, tekstdäki söz toparlaryny tapmak kyn däldi. Serdar ony derrew ýazdy-da, matematika başlady. Birnäçe deňlemäni ýazdy, diňe meseläni çözäýmek galypdy. Özem ýönekeý mesele däldi. Serdar ony birnäçe gezek okap çykdy-da, özbaşdak çözüp bilmejekdigine düşündi. Ol depderi ýapdy-da, telewizory açdy. Otaga kakasy girdi-de:

— Seniň bilen futbola seretsem bolýarmy? Häzir futbol başlanýar — diýdi.

— Elbetde! Bile janköýerlik etseň gyzykly bolýar — diýip, Serdar şadyýan jogap berdi.

— Sapaklaryňy eýýäm etdiňmi? — diýip, kakasy oglunyň ýanynda diwanyň üstünde oňaýlyrak ýerleşip sorady.

— Köpüsini etdim.

— Haýsyny etmediň? — diýip, kakasy sorady.

— Meseläni. Şoňa düşünip bilemok. Gorkar ýaly zat ýok. Bir mesele çözülmedik bolsa-da, bize dörtlük goýýarlar.

— Sen aňsat ýol bilen gitmegi öwrenme, oglum. Gel, şol meselä seredeli. Eger bäşlik alyp bolýan bolsa, onda bize dörtlük nämä gerek?

— Kaka, az wagtdan futbol başlanýar — diýip, Serdar ýatlatdy.

— Biz iň bolmanda şertini okaly we oňa düşünjek bolaly, futboldan soň bolsa, çözeris.

Serdar kakasyna depder bilen kitaby getirip berdi. Kakasy meseläniň şertini çintgäp okady. Futbol başlandy, soň kakasy bilen ogly ünsüni telewizoryň ekranyna gönükdirdiler. Bu gaty gyzykly tomaşa boldy, sebäbi kakasy-da ökde kommentatorlardan pes bolmadyk belliklerini goşdy. Ol garşydaşynyň taktikasyny bilmegi başarmaýan, özbaşdak karara gelip bilmeýän, topy ussatlyk bilen ugrukdyryp bilmeýän oýunçylary tankytlady.

— Kelläň bilen pikirlenmeseň, derwezäňe urgy alyber! — diýip, onuň kakasy gaharlandy.

Futbol gutardy. Serdar matematika depderi bilen kitabyny alyp, kakasyna:

— Meseläni özüm çözjek bolaýyn — diýdi.

Serdar şerti gaýta-gaýta okady, şonda ahyrsoňy ony nädip çözmelidigi hakda pikir peýda boldy. Ol birnäçe wariantyny işläp gördi-de, dogry jogaby tapdy. Şondan soň, ol özünden göwnühoş bolup, depderi bilen kitabyny portfeline saldy. Kakasy onuň otagyna gelip:

— Ýeri, işler nähili, kömek gerekmi? — diýip sorady.

— Ýok, özüm çözüp bildim.

— Berekella! Bilýärsiňmi, durmuşda sen ýönekeý bolmadyk meselelere ençe gezek duş gelersiň. Yza çekilseň, onda bu saňa endik bolup galar. Özem erbet endige öwrüler.

— Kaka, dogrusyny aýtsam, özümem özümden göwnühoş boldum. Meni dogry ýola gönükdireniň üçin sag bol.

— Günleriň birinde şeýle sözleri men Hudaýa aýdypdym — diýip, onuň kakasy belledi.

— Dogrudanam? Bu haçan bolupdy?

— Onuň maňa öz ýüregimiň we aklymyň ýoly bilen gitmäge ýol bermedik wagtynda — diýip, kakasy jogap berdi.

# BAGTLY ÝÜZÜŞI ARZUW EDÝÄRIS!

Gaýduwsyz deňizçileriň bir topary Ebedi şat diýlip atlandyrylýan uzakdaky ajaýyp ýurda ugramaga taýýarlyk gördi. Ol ýurdy görmegi köp adamlar arzuw edýärdiler we ol ýerde bolanlaryň gürrüňlerinden şol ýurt hakda köpräk bilmäge çalyşýardylar. Ak reňk çalnyp täzelenen gäminiň ýokarsynda «Kämillik» diýlip ýazylan baýdak parlady.

Gämide ýüzmeklige kim taýýarlyk gördi? Aňyrsyna göz ýetmeýän ummanyň näbellilikleriniň öňünde saklanmadyk batyr adamlar kimler? Olar patyşanyň mukaddesleri, mukaddes halk, patyşalyk maşgalasyna degişli bolan adamlardyrlar. Olar patyşa hem-de ähli arzuwlaryň we umytlaryň amala aşýan ýurdunyň hökümdary bilen ebedi şöhrata çagyrylanlardyrlar.

Gäminiň türmelerinde çüýremejek baýlyklar — şatlyk, parahatlyk, pes göwünlilik, rehimdarlyk, özüňe erk etme, ýagşylyk, söýgi hem sabyrlylyk ygtybarly ýerleşdirilendi.

Hazynalara, has takygy olaryň bir böleginiň ugruna çykan deňiz galtamanlarynyň gämä çozuş etme howpy bardy.

Kiçijik adajyk öz gämisini gaýanyň aňyrsynda gizläp goýan deňiz galtamanlarynyň gaçybatalgasy bolupdy. Deňiz galtamanlary maslahatlaşdylar.

— Biz şol ynanjaň ýukaýürek deňizçileri ýeňeris! — diýip, öz ýaranlarynyň gaharyny getirip, mydama üsgürip ýören Baş galtaman dümewlemeli sesi bilen aýtdy. Deňiz galtamanlarynyň hemmeleri, hatda biri-birlerini hem ýigrenýändiklerini aýtmak gerek. — Kenarda men «Kämilligiň» şol deňizçileriniň ýanlaryna bardym-da, bize öz hazynalarynyň esli bölegini meýletin bermekleri üçin pul, gymmat daşlary, şöhrat, mülk ediner ýaly jaý teklip etdim, emma hijisi razy bolmady. Bu ejiz arzuw edijileri diňe güýç bilen alyp bolar — diýip, Baş galtaman dowam etdi.

Bir gözli galtaman söze başlady:

— Men olaryň şatlygyny basyp alsam bolýar. Galanlarynyň bolsa — pes göwünliligiň, rehimdarlygyň, özüňe erk etmäniň, söýginiň, sabyrlylygyň maňa geregi ýok. Men şatlygy almak üçin uruşmaga gidýärin.

Galtamanlar gülüşdiler we biri-biriniň sözüni bölüp, galmagal turuzdylar:

— Şatlykdan başga kimdir birine nämedir bir zat gerekmişin!

— Pes göwünlilik! — galtamanlar şeýle bir güldüler welin, hiç kim uzak wagtlap hiç zat diýip bilmedi. Ahyrsoňy bir ses eşidildi: — Ýa-da rehimdarlykmy? Geliň, şol hazyna üçin urşalyň! Görsene, ol kime ýeterkä?

Baş galtaman buýruk berip, şagalaňy bozdy:

— Ýerli ýeriňize geçiň! «Kämillik» eýýäm kenardan uzaga gitdi. Başlaýarys!

Galtamanlaryň gämisi gara ýelkenini ýokary galdyryp, açyk ummana okduryldy. «Kämilligiň» kapitany gara ýelkeni görüp, öz toparyna buýruk berdi:

— Bize hüjüm edýärler! Hemmämiz batyr bolup, umydymyzy ýitirmeli däldiris! Esasy zat, şatlygy goraň!

Gara ýelken «Kämillige» golaýlaşdy, soň Baş galtaman gyryk sesi bilen ruporda gürledi:

— Maňa öz şatlygyňyzy bermegi talap edýärin!

«Kämilligiň» kapitany ýekeje minut hem oýlanyp durman, jogap berdi:

— Eger siz bizden ýerine ýetirmek bilen şatlyk tapyp bolýan Sözi soran bolsaňyz, men ony size bererdim. Eger siz şatlyga alyp barýan ýolda goldamagymyzy soran bolsaňyz, men ony size bererdim. Ýöne siziň özüňiz üçin saýlan durmuşyňyzda şatlanmak we ýaşamak mümkin däl.

Galtamanlar biri-birinden öňürdip gygyryşdylar:

— Bu näme gürrüň boldugy? Ol bize wagyz etjek bolýar… Doly öňe!

Şuwwuldy eşidildi, puşkalar gümmürdedi, duşman gämisinden ýadrolar uçdy, olaryň hemmesi howpludy — göripçilik, ýaňralyk, dawalar, durmuş tekepbirligidi. Munuň ýaly atyşa duçar bolan «Kämilligiň» deňizçileri özlerindäki şatlygy zordan sakladylar. Şatlyk howply zarýadlar tarapyndan ýaralananlaryň ýüreklerinden gitdi. Şonda batyrlaryň kapitany:

— Batyr boluň! Duşmana garşy duruň, ol sizden gaçar! — diýip buýruk berdi.

Deňizçileriň biri gorkup:

— Gämimiziň daşky germe agaçlary deşildi! — diýip gygyrdy.

Şol wagt onuň ýoldaşlarynyň hüňürdileri eşidildi:

— Munuň sebäbi kimdir biriniň gerek wagtynda öz ýerinde bolmandygyndadyr!

— Seni kimiň nirede bolmalydygyna gözegçilik etmek üçin hemmelere ýolbaçy goýdularmy?



— Onda ýeriňe bar-da, öz işiň bilen bol!

— Sen taglymaty öwren-de, başgalara akyl öwretme…

Kapitanyň sesi gazaply eşidildi:

— Deşigi petiklemeli! Dawany bes et!

— Kapitan, paluba ýanýar! — diýip, başga bir gorkan adamyň sesi eşidildi.

Kapitan gygyrdy:

— Bu göripçilikdir! Onuň ody gäminiň başga ýerlerine ýetäýmesin, esewan boluň! Ýalny söndürmek üçin biz saklanmaly bolýarys, ýogsam, ol hemme zady ýok eder.

Gämi saklandy. Deňizçiler ot bilen janypkeşlikli söweşdiler. Şol wagt galtamanlaryň gämisinde şeýle gürrüňler boldy:

— Biz tejribeli kapitanyň ýolbaşçylyk edýän gämisine hüjüm edýäris — diýip, Baş galtaman aýtdy. — Ol ýüzüşe ugramazyndan ozal, Mukaddes Kitabyň taglymatynyň içine gowuja aralaşana meňzeýär. Bu kitabyň akyldarlyk berýändigini siz bilýärsiňiz, «Kämilligiň» barýan ýurdunyň patyşasy bolsa, onda ýazylanlary berjaý etmek üçin güýç berýär. Bar güýji kapitanda jemläp, urgulary oňa gönükdirmegi buýruk berýärin!

Şol wagt galtamanlaryň gämisinden nobatdaky atyşyk sesi gümmürdedi, ýöne ol hüjüm edilýän gämä däl-de, asmana atyldy.

Bu gözüňi gamaşdyryjy ýagty feýerwerkdi. «Kämilligiň» deňizçileri başlaryny galdyryp, ajaýyp tomaşa — özleriniň üstünden atylyp çykan dürli reňkdäki oda begenip seretdiler.

Kapitan buýruk berdi:

— Ünsüňizi bölmäň, olardan erbet zady-da, gowy zady-da kabul etmäň!

Ýöne onuň sözleri golaýlaşyp gelýän garakçy gämisinden gelýän galmagalyň we çyrlamalaryň astynda eşidilmän galdy.

«Kämilligiň» bortuna naýza şekilli uzyn ýarag berk ýapyşdy. Ol ýerde bolsa, palubanyň üstünde toplanyşyp duran deňizçiler howpy görmeýän ýaly bolup, sesli hüňürdeşdiler:

— Biziň kapitanymyz adalatsyz adam, bizi feýerwerke soňuna çenli seretmäge goýanok! Söweşiň içinde bize ruhlanmanyň gerekdigine düşünmeýärmikä? Biziň şatlygymyz nirädir bir ýere gaýyp bolup gitdi…

Kapitan buýruk berdi:

— Hüňürdemegi bes ediň! Göwnüçökgünlige we şübhä orun bermeli däldir! Şatlanmagy buýruk berýärin! Ýene bir gezek şatlanmaly!

Şuny aýdandan soň, kapitan paluba ylgap bardy, görse, ol ýerden ýüpe ýapyşyp, «Kämillige» garakçylar münüp gelýär. Ol palta alyp, ýüpleri çapyp başlady, emma onuň tagallasy islenilýän netijäni bermedi. Ýüp örän ýogyndy, galtamanlar hem batyr kapitanyň aýgytlylygynyň üstünden diňe güldüler. «Kämilligiň» topary galtamanlaryň gülki seslerini eşidip, özüne geldi-de, kapitana kömek etmäge howlukdy. Umumy tagalla bilen ýüp çapyldy, galtamanlar hem ummana ýykyldylar.

— Ýeňdik! — diýip, kapitan şadyýan gygyrdy. — Doly tizlik bilen, öňe!

Gämi ýelkenleriniň hemmesini galdyryp, öňe okduryldy-da, örän gysga wagtyň içinde galtamanlaryň gämisinden daşlaşdy. «Kämillikdäkiler» şatlandylar, topar agyr söweşde ýeňiş gazandy. Deňizçileriň ýüreklerine şatlyk gaýdyp geldi, şeýle-de bolsa, ýadawlyk özüniň bardygy-

ny bildirdi. Garaşylmadyk ýagdaýda ummanyň üstünde goýy duman peýda boldy. Ol agyr örtük ýaly bolup, gämini gurşap aldy. Şeýle ýagdaý sebäpli, deňizçileri uky basmarlady. Munuň ýaly ýagdaýda öňe hereket etmek howpludy, şoňa görä-de, «Kämillik» tizligini haýallatdy. Topar edil orlan ot ýaly, duran ýerinde ýykyldy. Hatda kapitanam aýak üstünde durup bilmedi. Ýöne galtamanlar irkilmediler. Olar fakelleri ýakyp, sermenip diýen ýaly süýşüp, «Kämillige» golaý geldiler. Baş galtaman gyryk sesi bilen komanda ýüzlenip:

— Biz birinji söweşde ýeňildik, indikide bir ýeňşi elden gidermäliň! — diýdi.

Ýene «Kämilligiň» böwrüne naýza şekilli ýarag dürtüldi, ýöne bu gezek ýüpi kesere adam ýokdy, topar kapitany bilen bile süýji ukuda uklap ýatyrdy. Galtamanlara gämini basyp almak, ukudaky ýesirleri daňmak we olary türmä salmak üçin hiç hili güýç gerek bolmady. Mundan soň saklap bolmajak talaňçylyk başlandy. Galtamanlar hazynany döwüp açdylar-da, basyp alan oljasynyň üstüne açgözlülik bilen topuldylar:

— Maňa şatlykdan köpräk gerek!

— Ýok, maňa!

— Men bu şatlyk üçin hemmelerden köp türwekgelçilik etdim!

— Men tas janymdan jyda düşüpdim!

Biri-birini ýigrenýändikleri we hersiniň diňe özi hakda pikir edýändigi sebäpli, galtamanlar gazap bilen urşup başladylar. Bu wagtda duman dargady, munuň bilen birlikde uky hem ýitip gitdi. Deňizçiler bilen olaryň kapitany özleriniň türmede daňylgy ýatandyklaryny bildiler, şonuň üçin olaryň ýüreklerinde şatlyk ýokdy. Olar özle-

riniň zatlaryny ogurlamagy galtamanlaryň başarandyklaryna düşündiler. Baş galtaman türmä gelende, olar ejizlik etmäge ýol berendiklerine, büdrändiklerine we ýeňlendiklerine diýseň gynandylar.

— Sen hemme zadyňy ýitirdiň — diýip, ol «Kämilligiň» kapitanyna ýüzlenip aýtdy. — Saňa sustupeslikden başga hiç zadam galmady. Ýöne men seniň pikir edişiň ýaly erbet däl, seniň üçin juda erbet bolan ýagdaýdan erbet bolmadyk çykalgany görkezip biljek: öz gämiňi we bütin toparyňy Ynamsyzlyk şäherine ugrat. Ebedi şatlygy hem gutulyşy gözläp gaýdan ýeriňe gaýdyp bar. Ol gowy şäher, ol hakda näme diýselerem, şol ýerde sen ozalky inkär eden göwün açmalaryňdan lezzet alyp ömrüňi şowly ýaşap bilersiň. Sen altynyň hakyky bahasyny we onuň ýerine näçe gowy zady alyp boljakdygyny bilersiň. Sen altynyň esasy zatdygyna, lezzet almak üçin diňe onuň gerekdigine, söýmekligiň, duýgudaşlyk etmegiň we şatlanmagyň düýbünden hökman däldigine düşünersiň.

Kapitan bolsa, soňky güýjüni jemläp, batyrgaýlyk bilen:

— Hiç haçan seniň isleýşiň ýaly bolmaz! Men galan ömrüme şatlygyň nämedigini bilmeli bolmasam-da, Ynamsyzlyk şäherine gaýdyp barmaryn — diýdi.

Galtaman uludan güldi:

— Elbetde, sen indi şatlyksyz ýaşarsyň, sen ondan hemişelik mahrum bolduň, ol biziň oljamyz boldy. Ýadyňa sal, sen öz tabynlygyňdakylara näme wada beripdiň? Ebedi şatlyk hem gutulyş ýurdunymy? Indi bolsa, olara seret. Seret, seniň olaryň hemmesini alyp gelen ýeriňe seret! Olar ölerler, senem ölersiň, siziň hemmäňizem ölersiňiz! Tutuş toparyňyz öler!

Şol wagt daňylgy deňizçileriň biriniň sesi eşidildi:

— Kapitan, ölümiň öň ýanynda biz saňa seniň bilen ýüzüşe ugranymyza asla ökünmeýändigimizi aýtmak isleýäris. Biziň durmuşymyz diňe şu ýerde hakyky mana eýe boldy, biz diňe şu wagt özümiziň eýe bolan çüýremejek hazynamyzyň näme ekendigine hemişekimizden gowy düşündik.

Şu pursatda türmä saçly bir kelle sallandy:

— Eý, Baştutan, ýokary ýagtyldy, deňiz tolkunlaýar!

Baş galtaman hemme zady ýatdan çykaryp, ok ýaly atylyp paluba çykdy. Ol ýerde, dogrudanam, düşnüksiz bir zat bolýardy. Çyranyň ýagty şöhlesi töwerekdäki zatlary dynman ýagtyldyp durdy, hatda galtamanlaryň sakgalynyň her bir gyly-da anyk görünýärdi. Kenardaky maýak şeýle etmek bilen signal berýärdi. Ozal duman sebäpli görünmän duran kenaryň özi diýseň golaýda eken, basylyp alnan gämä bolsa, baýdaklaryna «Söýgi üçin, rehim üçin, gutulyş üçin» diýen ýazgyly gämiler ýelkenleriniň hemmesini galdyryp howlukmaç geldiler. Olar betbagtçylyga uçran «Kämillige» kömek etmek üçin howlukdylar.

Galtamanlar özleriniň gabalandyklaryna düşünip, gygyryşyp başladylar:

— Biz siziň dostlaryňyz! Biz bu ýerde myhmançylykda! «Kämilligiň» kapitanynyň özi gämisiniň bortuna münmäge rugsat etdi!

— Goý, kapitanyň özi aýtsyn — diýip, gelenler jogap berdiler.

Türmeden kapitany alyp çykardylar, ýol ugruna-da, onuň ýüplerini sandyraşyp çözdüler.

— Ýeri, biziň seniň dostlaryňdygymyzy aýt-da, ýogsam, bu seniň iň soňky aýtjak zadyň bolar — diýip, Baş galtaman ýesiriň arkasyna pyçak diräp durşuna aýtdy.



«Kämilligiň» kapitany gözlerini göge dikip, öýkenine mümkin boldugyça köp howa ýygnap, gaty ses bilen gygyrdy:

— Bu ýalan!

Kömege hoowlukmaç gelenler «Kämilligiň» bortuna merdiwan taşladylar.

— Geliň, tersleşmäliň! — diýip, ýesiriň arkasyna pyçagy sançmaga het edip bilmedik Baş galtaman ýagdaýy düzetjek bolup soňky synanyşygyny etdi. —Siz parahatçylykly, gowy adamlar ahyry. Sizde aýdylyşy ýaly: parahatçylyk getirýänler bagtlydyrlar… Siz bize ynanmaly, siz ynam üçin söweşýärsiňiz, bizem ynam üçin!

— Olara ynanmaň! — diýip, «Kämilligiň» kapitany gygyrdy. — Men ölmeli bolsam-da, siz ýalana we gybata ynanmaň!

Kömege howlukmaç gelenler eýýäm «Kämilligiň» bortundadylar, galtamanlar dyr-pytrak boldular. Baş galtaman bolsa, rehim sorap dyza çökdi. Bu wagt türmede halas edilen ýesirler eýýäm paluba çykdylar.

— «Kämilligiň» şöhratly toparyna salam: edermen kapitan, size, batyr deňizçiler, size salam! — diýip, azat edijileriň ýolbaşçysy halas edilenlere ýüzlendi. — Biziň Ebedi şatlyk ýurdumyzyň Patyşasy siziň gämiňiziň betbagtçylyga uçranyny bilip, size kömek ýollady. Siz barmaly ýeriňize golaý geldiňiz, bary-ýogy birnäçe menzil galdy. Patyşa hem sizi mynasyp garşy almak üçin taýýarlyk görýär. Gämiňizi we özüňizi tertibe salyň, ajaýyp ýurduň Patyşasy bilen duşuşyga taýýar boluň.

«Kämilligiň» topary öz kapitany bilen bilelikde galtamanlaryň oklaşdyran we aýaklary bilen depgilän hazynalaryny ýygnamaga başladylar. Olar hapa palubadan pes

göwünliligi galdyrdylar, türmäniň iň aňyrky burçundan rehimdarlyk bilen özüňe erk etmäni tapdylar. Ýokarda bogaldagyň üstünde ýagşylyk, söýgi, sabyrlylyk sallanyp durdy. Topar talanan zatlaryň şatlykdan başga hemmesini tapdy. Kapitan töweregine ünsli seretdi, emma ony tapyp bilmedi. Şonda ol tutuş gämini hapadan arassalamagy we gäminiň içini tertibe salmagy buýruk berdi. Bu işler hem edileninden soň, toparyň asla güýji galmady. Deňizçiler bilen olaryň kapitany munuň ýaly görnüşde nädip ajaýyp ýurduň Patyşasynyň öňüne barjakdyklary hakda pikir edip, palubada oturdylar. Birdenem, olaryň her biri öz ýüregine şatlygyň ýuwaşjadan hem bildirmän girenini duýdy. Olaryň ýüzlerini ýylgyryş ýagtyltdy. Olar indi beýik kabul edilişige taýýardyklaryny, Ebedi şatlygyň Patyşasy bilen ýüzbe-ýüz duşuşmaga taýýardyklaryny bildiler.

# SEKIZAÝAK

Bir wagtlar kiçijik akmak Sekizaýak ýaşapdyr. Ol akwariumda ýaşapdyr we deňinden geçýän adamlary görüpdir. Adamlaryň hemmesinde dört sany uçly tarapy bardy. Olaryň ikisinde adamlar ýöreýärdiler, beýleki ikisini hem Sekizaýagy görenlerinde galgadypdyrlar. Adamlar akwariumyň ýanynda saklanyp, özleriniň gysgyçlary bilen Sekizaýagy görkezipdirler we gülüpdirler.

Sekizaýagy bu zatlar kemsidipdir, ol adamlaryň öz üstünden gülýändiklerine ynamlydy, sebäbi onuň adamlardaky ýaly, dört däl-de, sekiz aýagy bardy. Akwariumyň görgüli kiçijik ýaşaýjysy «artykmaç» dört aýagyny gizläp, ikisinde ýöremäge we ikisini öň tarapda galgatmaga türgenleşip başlapdyr. «Indi hiç kim meniň üstümden gülmez we meni barmagy bilen görkezmez» diýip, Sekizaýak pikir edipdir.

Şeýle hem bolupdyr. Oňa üns bermegi bes edipdirler. Akwariumyň ýanynda hiç kim saklanmandyr we hiç kim gülmändir. Akmajyk Sekizaýak, şeýle dälmi? Ýöne akwariumyň hojaýyny beýle bir akmak adam bolmandyr. Ol başga bir sekizaýak satyn alyp, ony akwariuma salypdyr.

Täze sekizaýak täze territoriýany şatlyk bilen eýeläp, bütin akwariumyň içinde ýüzüp, çyn ýürekden hezil edipdir. Adamlar onuň deňinden ötüp-geçipdirler. Olar saklanyp, gülüp we şadyýan täze sekizaýagy görkezipdirler.

Iki elli we iki aýakly sekizaýak hem bu zatlara seredip, gizlän aýaklaryny çykaryp, olaryň hemmesini, sekizsinem hereketlendiripdir-de, özüniňem bu zatlary ondan kem etmeýändigini täze Sekizaýaga görkezip, ýüzüp başlapdyr.

Täze Sekizaýak saklap:

— Seniň aýaklaryň nähili owadan! — diýipdir.

— Hawa. Sekizisem. — diýip, öňki Sekizaýak şadyýan jogap beripdir.

# TOWUK

Ene towuk jüýjesine öwredýär:

— Sen içinde ýaşaýan ägirt uly dünýäň hakda mümkin boldugyça köp zat bilmeli. Seret, bu — dänejik. Ol biziň ikimizde iýmitiň bolmagy üçin gerek. Bu tomzajyk. Ol ikimiziň dürli görnüşli iýmitimiziň bolmagy üçin gerek.

Jüýje soraýar:

— Eje, ol ýerdäki näme? Anha, meniň kellämiň ýokarsyndaky.

Towuk oglunyň yzy bilen başyny galdyrdy:

— Bu gül, onuň ady «jaňjagaz». Ol aşagynda möjejikleriň gizlenmekleri üçin gerek. Biz ikimiz hem şol möjejikleri tapyp iýmeli.

— Bu näme? Ondanam uzyn, juda ýokarda — diýip, jüýje köşeşmedi.

— Ol bulutlar, olar ýagşyň ýagmagy üçin gerek — diýip, towuk sabyrlylyk bilen jogap berdi.

— Ýagyşdan soň ýeriň aşagyndan gurçuklar süýrenip çykýarlar, şonda ikimizde köp tagamly iýmitler bolýar.

— Bu näme? — diýip, jüýje ýürege düşgünçlik bilen sorady.



— Bu köl — diýip, towuk perwaýsyzlyk bilen jogap berdi. — Ol hiç kime gerek däl, diňe päsgel berýär.

— Eger ol gerek däl bolsa, onda näme gerek?

— Ýöne bir bulutlardaky artykmaç suwlar bir ýere akýar, şeýdibem, köl bolýar. Bes et soraglaryňy — diýip, towuk aýtdy.

Jüýje köle tarap ýörände, kenarda uly ördek bilen kiçi ördegi gördi. Ördek jüýjesine öwredýärdi:

— Bu teneçir. Ol bizde iýmitiň bolmagy üçin gerek. Bular gurbagajyklar. Olar bizde dürli iýmitiň bolmagy üçin gerek.

— Eje, bu näme? — diýip, ördek jüýjesi kölüň gapdalyndaky tarapy görkezip sorady.

— Bu jaňjagaz, — diýip, ördek perwaýsyzlyk bilen jogap berdi. — Ol hiç kime gerek däl. Diňe päsgel berýär.

— Beýle bolsa, ol näme üçin ösüp otyr? — diýip, ördejik sorady.

— Tötänden peýda bolandyr diýip pikir edýärin.

— Onda bu näme? Anha, ol ýerde, ho-ol ýokarda — diýip, ördejik gyzyklandy.

— Bu bulutlar, — diýip, ördek hondan bärisi bolup jogap berdi. — Olar ýagşyň ýagyp, biziň kölümizi suwdan doldurmagy üçin gerek.

Jüýje ördegiň ýanyna baryp:

— Aýtsaňyzlaň, köl nämä gerek? — diýip sorady.

Ördek:

— Onuň içinde biziň ýüzmegimiz we tomzajyklary, gurbagajyklary tapyp iýmegimiz üçin — diýip jogap berdi.

Jüýje ejesiniň ýanyna gaýdyp geldi-de, towuga:

— Eje, kölde ördekler ýüzüp ýörler — diýdi.

Towuk pikirlernip durdy-da:

— Indi sen kölüň nämä gerekdigine düşündiňmi? Onda ördekleriň tomzajyklary, gurbagajyklary tapmaklary we biziň gurçuklarymyz bilen möjejiklerimizi iýmezlikleri üçin. — Towuk ýene azajyk pikirlenip durdy-da, indi öz-özüne: — Şonuň üçin ördegiň çüňki şeýle gelşiksiz hem oňaýsyz — diýdi.

# EZBER AÝNAJYK

Ullakan galmagally şäherde geýim örmegi başarýan we gowy görýän on ýaşlaryndaky gyzjagaz ýaşapdyr. Ol adaty gaňyrçakly çişjagazda örýärdi, özem şeýle bir gowy örýärdi welin, tanyşlarynyň hemmesi oňa ýöne bir Aýnajyk diýmän, eýsem, ussat Aýnajyk diýýärdiler. Ussat Aýnajyk mamasynyň ören zatlaryndan galan sapaklary alyp, olardan oýnawaç edýärdi. Islendik, hatda iň gysgajyk ýüp hem işe girýärdi. Aýna mamasynyň ýaramsyz hasaplap hapa atan ýumaklaryny hem sabyrlylyk bilen çözýärdi.

— Bu sapaklar hapa atylmak islemeýärler ahyry — diýip, Aýna aýdýardy.

Şonda mamasy agtyjagyna söýgi bilen seredip: «Öý hojalykçy ýetişip gelýär» diýýärdi.

Gündizlerine Aýnajyk öýleriniň ýanyndaky seýilgähde gezelenç edýärdi. Mamasy penjireden agtyjagyna seredip durýardy. Seýilgähde goňşy howludaky Pena-da gezelenç edýärdi. Ol mydama guş atmak üçin eline keman alyp gelýärdi. Aýnajygyň guşlara nebsi agyrýardy, şol sebäpden hem olary goramak üçin ol kömege mamasyny çagyrýardy, mamasy hem goňşy howludan gelen Penany kowmak üçin şobada seýilgähe ylgap gelýärdi. Mamasy

garagolyň kemanyny hem elinden almak isleýärdi, ýöne alanda näme, ol özüne ýene birini ýasanýar.

— Ine — diýip, mamasy gynançly dem aldy — kim öz zehinini hem ussatlygyny nämä sarp edýär. Kimdir biri ýygnamak üçin zähmet çekýär, kimem döwmek hem dargatmak üçin.

Pena atly oglanjyk seýilgähden gaçyp gidende, mydama Aýnajygyň gaharyny getirýärdi:

— Örüji! Gaçyp bileniňiz halas boluň, ýogsam, ol hemmeleri sapagyna çolaşdyrýar!

Bulutly hem ýagyşly günleriň birinde Pena atly oglanjyk seýilgähe gelende, ol ýerde Aýnajygyň ýoklugyny görüp, gorkman ýaýy bilen guşlary atyp başlaýar. Guşlar ýapraklaryň arasynda ýagyşdan gizlenip durdular. Pena ýelekleri hüžžerip duran serçäniň gizlenip duran ýerine şahalaryň ýanyna gizlenip bardy-da, ony nyşana alyp, daş atjak bolanda, gulagynyň astynda wyzzyldy eşitdi. Ony çybyn çakjak bolýar. Pena çybyna elini aýlady, emma ol gidibermeýär.

Şonda garagol bar güýji bilen ony urjak bolup, elini aýlady, ýöne munuň deregine duran ýerinde aýlanyp başlady. Ol aýlandy, aýlandy, emma, edil ýel bilen işleýän ýaly, asla saklanyp bilmedi hem-de sapaga öwrülýänini, sapagyň hem ullakan ýumaga öwrülýänini görmedi. Ýel, ýagyş… örän tiz wagtdan Pena-sapak hapada bulaşyp ýatan bulaşyk ýumaga meňzedi.

Ýagyş ýagyp bolanyndan soň, Aýnajyk seýilgähe gezelenje çykdy. Elbetde, ol hapada ýatan bir ýumak sapagy gördi we ony öýe getirmäge gorkmady. Mamasy diňe elini salgady, Aýnajyk bolsa, özüniň gowy görýän sözlerini aýtdy:

— Bu sapak hapa atylmak islemeýär ahyry.

Mamasy sapagy gowuja edip ýuwdy. Sapak guranda bolsa, Aýnajyk düwün yzyna düwüni çözdi. Bu sapak diýseň birmeňzeş däldi: kä ýerleri tekiz, ýumşakdy, kä ýerleri eliňe batýardy, büdür-südürdi, hiç zada ýaramaýardy. Hatda käbir ýerlerini gyrkyp, her neneň gynançly bolsa-da, hapa atmaly boldy, sebäbi asla derde ýaramaýardy.

— Nähili erbet — diýip, Aýnajyk gowy sapaklaryň diýseň az ýygnalanyny görüp, uludan demini aldy.

Mamasy oňa seredip:

— Aý, azajygam bolsa, sapak galdy, diýmek, bu işi biderek ýere etmänsiň — diýdi.

Ertesi gün Aýnajyk ony örüp başlady welin, agşama golaý bulaşyk sapaklardan bir adam çykdy.

— Nähili akyllyja! — diýip, mamasy iki elini-de çarpdy. — Görsene, nähili owadanja oýnawaç boldy! Kimdir birine sowgat etjekmi?

— Muny özüme goýjak — diýip, Aýnajyk jogap berdi.

Ol ören adamjygyny stoluň üstündäki çyranyň aşagynda goýdy-da, ýatmaga gitdi.

Örülen Pena çyranyň astynda şeýle ajy gözýaş döküp aglady welin, hatda onuň sesini kitap tekjesiniň üstünde uklap ýatan örülen item eşitdi. Ol tekjäniň üstünden böküp düşdi-de, Penanyň ýanyna bardy:

— Haw — haw!

Pena itjagazy sypalady-da, ondan:

— Indi men näme etsemkäm? — diýip sorady.

Itjagaz guýrugyny şadyýan hem dostlukly bulaýlady, Penanyň aýagyna süýkendi. Otagyň içi imi-salalykdy.

Elektron sagat 02:35 görkezýärdi. Şol wagt garaşylmadyk ýagdaýda sagadyň ýüzünde sanlaryň deregine harp-



lar göründi, Pena-da olary okady: «Seniň nyşana alan hüžžük serçäň seni bagyşlanda, ol ýene şadyýan hem aladasyz bolanda, sen ýene adama öwrülersiň».

Pena gorkup gygyrdy:

— Men ol serçäni nädip gözläp tapaýyn? Men ony nireden gözläýin? Men ömürlik oýnawaç bolup galaýarmykam?

Pena ýene möňňürmekçi bolanda, itjagaz üýrüp, tumşugy bilen oňa gapy tarapy görkezdi.

— Sen näme oýlap tapdyň? — diýip, Pena sorady. — Men saňa düşünemok. Bu nähili ertekimişin, eger ondaky it adam ýaly gürläp bilmeýän bolsa?

It diňe üýrmegini dowam etdirdi.

— Sen maňa otagdan çykmagy teklip edýärsiňmi? — diýip, Pena sorady.

It başyny atdy, Pena bolsa, haýran galmak bilen aşak seretdi:

— Men munuň ýaly beýiklikden nädip aşak düşeýin?

Itjagaz dört aýagynyň üstünde bökdi-de, başyny yralady, şonda Pena onuň gulagynyň arkasynda sapagyň bir ujuny gördi.

— Sen meniň seni sökmegimi isleýärsiňmi? — diýip, Pena gorkup sorady.

Itjagaz gaharly üýrdi-de, ylalaşmaýan äheňde başyny ýaýkady. Pena itjagazyň kellesine elini aýlanda, onuň gulaklarynyň aýratyn örülenini we örülen bedene tikilenini gördi.

— Sen maňa öz gulaklaryň birini sökmäge rugsat edýärsiňmi? — diýip, Pena sorady.

Itjagaz şadyýan baş atdy. Pena sapagyň ujuny çözdi-de, ony çekdi welin, gulak sökülip başlady. Ol sapagyň

boş tarapyny stoluň üstündäki çyra daňdy. Soň iti bir eline alyp, beýleki eli bilen hem seresaplylyk bilen poluň üstüne düşüp başlady. Gulak hatar yzyna hatar bolup howlukman sökülende, sapak gitdigiçe uzaldy. Itjagaz stoluň üstünden pola çenli asylyp duran sapaga öwrülen bir gulagyny ýitirdi. Pena gussa bilen dem aldy. It bolsa, üýrüp, çalaja ýapylan gapa tarap ylgady, Pena hem ondan geçip, girelgä baryp bildi.

Onuň yzyndan örülen oglanjygy aşhana alyp barýan güjüjek hem geçdi. Ol ýerde ullakan gözenekde toty guş ýaşaýardy. Ol örülen däldi-de, hakykydy. Onuň iýmit gapyrjagynda haýwanlar dükanynda ýörite satylýan guşlaryň tagamly iýmitleri kändi.

Pena itjagazyň oýlap tapan zadyna düşündi-de, şadyýan gygyrdy:

— Ýaşa, itjagaz! Nähili akyllyja! Biz iými penjiräniň öňüne dökeris, oňa serçeler uçup gelerler, belki, şolaryň arasynda şol hüžžüjegem geler!

Pena öz dostunyň howsalaly üýrýänine üns bermän, demir gözenekden gysylyp geçdi. Ol ony eşitmeýän ýalydy, şonuň üçin hem iýmit salynýan gapyrjakdaky däneleri aşhana stolunyň üstüne çalt-çaltdan oklady. Köp wagt geçmänkä, ol özüniň örülen kellesinden kimdir biriniň tutup, ýokary oklap goýberenini duýdy. Pena öz öňünde äpet toty guşy görende, gorkup gygyrdy. Aslynda toty guş kiçiräkdi, ýöne Pena oglanjyk däldi-de, oýnawaçdy. Toty guş Pena haýbatly seredip, utançsyz ogryny ýene bir gezek çokmaga taýýar durdy.

— Haýyş edýärin, maňa öz iýmiňden azajyk almaga rugsat et — diýip, Pena ýalbaryp haýyş etdi. — Ýene adama öwrülmegim üçin bu maňa örän gerek.

Totyguş Penanyň ýanyna uçup geldi-de, çüňki bilen elinden tutup, özüniň keýpi kök wagtynda oturyp wagtyny geçirýän hiňňildiginde oturtdy. Mundan soň ol Penanyň ýanynda oturyp yranyp başlady-da, öwüt beriji aýdymy aýdyp başlady:

*Eger saňa bir zat gerek bolsa — haýyş et!*
*Agyr pursatda biz kömek ederis.*
*Sen adama öwrülmek isleýärsiň — isläňde näme?*
*Meniň dänämi soragsyz alýarsyň!*
*Bu haýasyz ogurlyk bolýar!*

Pena örän utandy, şonuň üçin ol:

— Meni bagyşla, açyk göwünli guş, haýyş edýärin, men erbet zat edýändirin öýtmändirin, diňe halas bolmanyň ýoluny gözledim — diýdi.

Toty guş çüňki bilen Penany alyp, hiňňildikden uçdy we iýmit gapyrjagynyň ýanyna onuň bilen bile gondy.

Pena ýene birazajyk iýmiti poluň üstüne oklady, begenýän it bolsa, guýrugy bilen aşhananyň içine ýaýran dänejikleriň hemmesini süpürgiç kagyzyň üstüne süpürdi. Ýöne bu iýmitleri serçeleriň uçup geljek ýeri bolan penjiräniň aňyrsyna nädip goýmaly? Pena toty guşuň özüne öwreden zadyny ýadyna saldy-da, ýene gözenegiň ýanyna geldi:

Mylakatly dost, — diýip, ol guşa ýüzlendi — bize ýene bir kiçijik kömek et. Bu ajaýyp dänejikleri penjiräniň öňüne goýmaga kömek et. Itjagaz ikimizem şol ýere uçup barsak, erbet bolmazdy.

— Onda näme, meniň ýaş dostum — diýip, totyguş wajyplyk bilen belledi, siz sapak almany başarýar-

syňyz. Eger siz gözenegi açyp bilseňiz, men size kömek ederin.

Pena gözenegiň gapysyny açjak bolup ylgady, ýöne birden saklandy:

— Aý, men nämeler edip durun? Gadyrdan dost, gözenekden çykanyňdan soň, açyk duran äpişgeden uçup çykyp gidiberseň näme? Seniň eýäň Aýnajyk örän gynanar we möňňürip aglar, men ony tanaýaryn ahyry. Men bolsa, muny islämok.

— Siz mamla, dostum — diýip, totyguş hormat bilen aýtdy. — Biz erkinligi gowy görýän guşlardyrys, şonuň üçin eger şonuň ýaly mümkinçilik duş gelse, gözenegi mydamalyk terk etmäge çalyşýarys. Ýöne Aýnajygy gynandyrmakdan menden köp gorkýandyryn öýdýän bolsaňyz, onda siz mamla dälsiňiz. Kim şeýle etse-de, men ony hiç haçan aglatmadym!

Örülen Pena güýjünde baryny etdi welin, gözenegiň gapysy açyldy. Toty guş däneli süpürgiji burçlaryndan tutup, ony äpişgäniň öňüne alyp bardy. Mundan soň, ol Pena bilen bir gulakly itjagazy hem şol ýerde goýdy. Uçuşlaryny amala aşyryp bolanyndan soň, ol özüniň wada berşi ýaly, gözenegine uçup bardy. Sagadyň ýüzünde 04:30 görnüp durdy. Daşarda ukudan oýanan serçeler şadyýan saýraşdylar. Pena süpürgijiň üstündäki dänäni alyp, ony çalaja açyk duran äpişgeden oklady. Ol guşlaryň ýere düşen däneleriň üstüne uçup baranlarynda, nähili başagaýlyk turzanlaryny gördi. Beýleki serçeleriň arasynda şol hüžžük serçe-de bardy. Ol dänäniň ýanyndan öz dostlaryny gaharly itdi, açgözlülik edip, beýlekileriň iýmitlerini aldy. Süýji tagam örän tagamly hem ýakymly eken. Ol munuň ýaly zady birinji gezek iýip görýädärdi.

Bu witaminli ýörite iýmitdi, ondan serçeleriň ýelejikleri derrew tekizlendi we olar örän şatlykly jürküldeşdiler!

Pena şatlykdan ýaňa duran ýerinde bökdi, örülen ellerini çarpdy. Ol çala açyk duran äpişgeden çykyp, şatlanýan serçäniň ýanyna barmak isledi. Ýöne örülen adam nädip beýle edip bilsin? Şu pursatda ol aýagyna ýumşajyk tumşujagyň degenini duýdy. Itjagaz Pena ikinji gulagyny degirdi, onda öňküsi ýaly, sapagyň bir ujy çalaja görnüp durdy, şol sapagyň kömegi bilen bu örülen gulak bedene birikdirilipdi.

— Meniň adama öwrülmegim üçin sen öz ikinji gulagyňy-da pida edýärsiňmi? — diýip, Pena sorady.

Itjagaz şadyýan baş atdy, Penany bolsa, yrmak üçin köp wagt gerek bolup durmady. Ol düwünjigi söküp, onuň ujuna berk ýapyşdy-da, çalaja açyk duran penjireden daşary bökdi. Bir minutdan soň, Pena guşlaryň şowhunly sürüsiniň içine baryp düşdi we dok hem göwnühoş serçäniň mähirli gözlerine seretdi. Guşlar ilki munuň ýaly kürsäp girilmeden gorkmadylaram-da, düşnüksiz bu zada — oglan bolup oglan däl, zat bolup zat däl zada seredip durdular.

Iň batyr serçe hatda ony çokjagam boldy, ýöne birden gorkup uçdy-da, şaha gondy. Sapakdan edilen, kiçijik oglanjyga meňzeş zat ulalyp we hakyky oglanjyga öwrülip başlady.

Öz boýundan ep-esli ýokarda bolan guşlaryň sürüsi birden ganat kakyp, tozan buludyny galdyryp, agaçlaryň üstüne uçup gidenlerinde, Penanyň özem birneme gorkdy. Ol öz ellerine seretdi, olar adaty adam elleri ýaly bolupdy. Pena özüni sypalap gördi we jaýyň äpişgeleriniň astynda öňküsi ýaly bolup duranyna düşündi. Ol şatlanyp



ylgady-da, öýüne gitdi, öýüne baryp, ýuwaşjadan öz otagyna girdi-de, ýatdy.

Ertir bilen Aýnajyk aşhana ertirlik edinmäge geldi.

— Kapasada gudrat bar — diýip, mamasy tarelka şüle guýup durşuna aýtdy. — Görsem biziň totyguşumyz öz hiňňildiginde uçup otyr, gapysy bolsa, açyk dur. Ony kim açdyka?

— Waý, mama, meniň itjagazym äpişgäniň öňünde dur. Özem gulaksyz! Onuň gulaklary nirä gaýyp bolduka?

Mamasy bilen agtygy özleriniň öýünde bolup geçen täsin hadysanyň üstünde pikirlendiler, ýöne barybir düşündiriş tapyp bilmediler. Aýnajyk şülesini iýip, seýilgähe gezelenje çykdy, ýany bilen gaňyrçakly çişini hem sapaklaryny-da aldy.

Gijeki bolan zatlara garamazdan, Pena hemişekisi ýaly ýerinden turup, goňşy howludaky seýilgähe gitdi.

Şol ýerde ol öz itiniň ýetmezçilik edýän iki gulagyny örüp oturan Aýnajygy gördi. Ýanynda şadyýan serçe böküp ýördi. Pena olara seretdi-de, begendi we kemanly oglanjyklaryň barlygynyň nähili erbetdigi hakda pikir etdi. Ol öz kemanlarynyň hemmesini zyňypdy ahyry.

# PIANINO

Arakesmede Maksat koridordaky äpişgäniň ýanynda durdy. Onuň ýanyndaky iki oglan öz aralarynda özlerinden haýsysynyň Hudaýa köpräk ynanýandyklarynyň dawasyny uludan edýärdi. Wepa:

— Men ýylda iki gezek ýygnaga barýaryn! — diýdi.

— Men bolsa, orazalary doly berjaý edýärin! — diýip, Kerim jogap berdi.

Wepa ýene dawalaşdy:

— Men eýýäm köpden bäri erbet söz aýdamok!

— Maňa bolsa, gundagda wagtymdan bäri ejem bilen kakam sögünmeli däldigini öwredip gelýärler, men hatda erbet sözleri-de bilmeýärin! — diýip, Kerim buýsanç bilen aýtdy.

Oglanlar sapaga jaň bolýança jedelleşdiler, sapakdan soň bolsa, beýleki oglanlar bilen mekdebiň howlusynda futbol oýnamaga gitdiler. Oýny ýaňy oýnap başlan futbolçylaryň deňinden Maksat geçip barýar. Ol sazçylyk mekdebine barýardy. Wepa Kerime:

— Seret, Maksat saza barýar — diýdi.

— Saz — bu gaty gowy zat! — diýip, Kerim jogap berdi. —Wepa, sen pianino çalyp bilýärsiňmi?

— Bilemok, synanyşyp görmedim — diýip, Wepa egnini gysdy.

Maksat muny eşidip güldi:

— Eger synanyşyp görmedik bolsaň, diýmek, anyk çalyp bilmeýärsiň-dä.

Wepa öýkeledi:

— Elbetde, diňe sen çalyp bilýärsiň. Şu golaýda pianino barmy?

Maksat teklip etdi:

— Ýör, meniň bilen saza gideli, şol ýerde nädip çalyp bilýäniňi göreris.

Wepa bilen Maksat sazçylyk mekdebine geldiler-de, fortepiano duran klasa girdiler. Wepa saz guralynyň ýanyna baryp, ony seresap bolman açdy:

— Ýeri, onda näme saz çalýar? — Wepa klawişleri basyp, sesine diň saldy. — Eşitdiňmi? Saz! — diýip, ol şadyýan aýtdy.

Maksat haýran galdy:

— Bu nähili sazmyşyn? Ýöne bir klawişlere urduň.

— Diýmek, bulara klawişler diýilýän eken-dä? — Wepa pianinonyň başynda oturdy. — Ýeri, bu ýerde näçe sany şeýle klawiş bar? — Ol aýasyny ähli klawişleriň üstünden geçirdi-de, şadyýanlyk bilen: — Saz… — diýdi. — Men pianino çalyp bilýärin. Görsene, klawişe bassaň — saz çykýar!

— Adamlary güldürme, gowusy şunuň ýaly saz guralynyň bardygyny birinji gezek görýändigiňi aýt — diýip, Maksat gaharly aýtdy.

— Men şu wagtjyk ony çaldym ahyry. Seniň özüňem eşitdiň — diýip, Wepa gaharlandy.

— Beýle bolsa, öz saýlan notaň adyny aýt! — diýip, Maksat haýyş etdi.

— Nota näme? — diýip, Wepa haýran galdy. — Näme, ol ýerde nota-da barmydy? Diýmek, aklar — klawişler, garalar bolsa — notalarmy? Men notalara entek basyp görmedim.

Saz mugallymy geldi, şonuň üçin Maksat Wepa bilen jedelleşmäge wagt sarp edip durmady. Pianinonyň başyna geçip oturanyndan soň, Maksat Wepa:

— Sen edil pianinoçy bolşuň ýaly, imanly adam bolsaň gerek — diýdi.

— Näme üçin? — diýip, Wepa aljyrady.

— Şonuň üçin, — soň ol Wepanyň arakesmede Kerime aýdan sözlerini gaýtalady: «Ýylda iki gezek ýygnaga barýaryn».

# GARGA WE JÜÝJE

Bir jüýje özüniň sesli keteginden howla çykýar. Gün ýagty nuruny saçyp durdy, kelläň ýokarsynda semiz eşegarylar uçuşyp ýördi. Jüýje ýerde ädimläp ýördi we näme üçindir bagtlydy. Belki, ýokarsynda Günüň barlygy, eşegarylaryň wyzzyldaşýandyklary, özüniň şeýle kiçijik bolsa-da, eýýäm akyllyjadygy, şeýle köp zady, ýagny Günüň nur saçýanyny, eşegarylaryň wyzzyldaşýanyny bilýändigi üçindir.

Jüýje çigit, gülleriň we otlaryň tohumlaryny tapdy, olary çokup iýdi, olar tagamlydy, ol «tagamlylygyň» nämedigine düşünýärdi. Oňa diňe bir çigit bilen tohumlary çokman, eýsem, aşgazandaky iýmiti siňdirer ýaly, kiçijik daşjagazlary hem çokup iýmelidigini öwredipdiler.

Daşjagazlar tagamly däldi, ýöne olarsyz çigit iýmegiň manysy ýokdy. Jüýje özüniň şeýle diýen edijidigine we diňe bir tagamly zady iýmän, eýsem, öz aşgazany üçin peýdaly hem zerur bolan zatlary hem iýýänine begenýärdi. Eger ol şeýle diýen ediji bolýan bolsa, diýmek, ol hakykatdan akyllyjadyr.

Garaşylmadyk ýagdaýda özüniň edil kellesiniň ýokarsynda jüýje gyryk sesli «Kar, kar-r-r-r…» diýen sesi eşitdi.



Oňa ýolda nähili akmak jandar duş geldikä?

Jüýje daş-töweregine seretdi, ýöne gagyldap oturan gargadan başga hiç kimi görmedi. Ol jojuga iým berilýän legeniň üstünde otyrdy. Garga-da jüýjäni gördi-de, gagyldady:

— Ine, mundan akmak jandara duş gelmersiň!

Jüýje munuň ýaly gürrüň etmegi gelşiksiz hasaplap, howlynyň içi bilen ýoluny dowam etdirdi, emma garga legeniň üstünden böküp düşüp, jüýjäniň ýolunda durdy:

— Ine, mundan akmak jandary gözläbem tapmarsyň!

Jüýjäniň gidere ýeri ýok, şonuň üçin ol gargadan mylakatly sorady:

— Kimden akmagyny?

Garga şeýle bir ha-ha-haýlap güldi welin, hatda onuň garny-da agyryp gitdi. Ahyrsoňy garga köşeşip:

— Senden akmagyny! — diýdi.

Jüýjä howa ýetmedi, onuň başy aýlandy. Belki, Günüň juda ýiti şöhle saçýandygy we eşegarylaryň aşa gaty wyzzyldaşýandyklary sebäplidir. Ol garganyň ýigrenç bilen seredýän nazaryndan ýaňa şeýle bir tolgundy welin, nirädir bir ýere gizlenmek isledi, soň hem daşjagazlaryň diňe aşgazandaky çigitleri siňdirmek üçin gerekdigini düýbünden unudyp, diňe ýerdäki daşjagazlary çokup başlady. Kiçijik garynjyga agram düşdi, şoňa görä-de, jüýje arz edijilik bilen yňňyldady. Garga şadyýan güldi:

— Men diýdim-ä, mundan akmak jandary tapybam bolmaz!

Towuk özüniň betbagtçylyga uçran jüýjesiniň çagyryşyny eşitdi-de, şobada oňa kömek bermäge howlukdy. Ol gargany görüp, ganatlaryny çişirdi-de, şeýle bir gaty

ses bilen goguldady welin, garga gorkup uçup gitdi. Ene towuk jüýjesinden:

— Körpeje, sen näme üçin beýle gamgyn? Seniň niräňdir bir ýeriň agyrýarmy? — diýip sorady.

Jüýje:

— Meniň garnym hem kelläm agyrýar. Garga-da maňa özümiň akmakdygymy aýtdy — diýip jogap berdi.

Ene towuk mylakatlylyk bilen:

— Seniň kelläň şonuň üçin agyrdymy?

— Hawa — diýip, jüýje gaýgyly dem aldy.

Ene towuk öz körpejesiniň kellesini çüňki bilen mylaýym sypady-da:

— Beýle bolsa, sen, dogrudanam, iň akmak jüýjesiň. Çem gelen garga nädip ynanyp bolýarmyşyn? Ol bolgusyz zatlary az aýdýarmy? Diňe özüňi Ýaradana ynan, Ol bolsa, ähli janly zatlary akyldarlyk bilen ýaratdy — diýdi.

Bu sözleri eşidende, jüýje näme üçindir örän begendi. Onuň kellesiniň ýokarsynda Gün has ýagtyly şöhle saçýardy! Eşegarylar wyzzyldaşdy! Jüýje howluda ädimläp ýörşüne çigit, tohum we daşjagazlary çokdy ýördi, ol bagtlydy, sebäbi indi hiç kim ony akmak hereket edýändigine ynandyryp bilmedi.

# BAGT ŞÄHERI

Bir bar eken, bir ýok eken, bir obada Jyn, Gyňyr, Tankytçyl we Açgöz ýaşaýan eken. Olar örän bagtsyz ýaşaýan ekenler. Ynanmaýarsyňyzmy? Bu, hakykatdanam, şeýle. Munuň ýaly häsiýet bilen nädip bagtly bolup biljek? Eger Jynyň göwnüne degen adam ýamanlyga uçramasa, Jyn bagtsyz bolýardy. Gyňyr hemmelere we her kime ýamanlyk edip bilmese, bagtsyz bolýardy. Tankytçyl islendik adamy tankytlap bilmeýändigi üçin bagtsyzdy, Açgöz bolsa, özündäkä seredende, haýsydyr bir zadyň kimdir birinde köpräk bolaryndan mydama gorkup ýörýärdi.

Bir gezek bu obanyň deňinden bir jahankeşde geçipdir. Açgöz jahankeşdäniň garypdygyna derrew düşündi-de, köşeşdi. Ýöne öýüniň gapysyny berkje ýapdy. Gyňyr munuň ýaly adamyň göwnüne islendik biriniň hem degip biljekdigi hakda pikir edip, jahankeşdäniň ejizliginiň üstünden güldi. Tankytçyl başyny ýaýkady: «Eşigi döwrebap däl, sypaty-da öwerlik däl». Jyn bolsa, özüne jahankeşdäniň üns bermändigine öýkeledi.

Jahankeşde dynç almak üçin üýşmek gumuň üstünde oturdy. Jyn onuň ýanyna baryp, gussaly ses bilen:

— Sen edil men ýok ýaly edip, geçip gaýtdyň. Sen meniň göwnüme degdiň, nätanyş — diýdi.

Jahankeşde Jyna seretdi-de:

— Eger şeýle bolsa, bagyşla — diýdi.

Jyn ondan:

— Sen nirä barýarsyň? — diýip sorady.

— Men hemmeleriň bagtly bolan şäherine barýaryn, sebäbi ol ýerde her kim öz arzuw edýän zadyny alýar — diýip, janahkeşde jogap berdi-de, ýoluny dowam etdirmek üçin üýşmek gumuň üstünden turdy.

Jyn oýlanyp durdy-da, şol ajaýyp şäheri tapmaly diýen netijä geldi. Şonda Jynyň arzuwlary amala aşýar: onuň göwnüne haçan hem bolsa bir wagt degenleriň hemmesi gazaply jezalandyrylar.

Gyňyr Jynyň jahankeşde bilen eden gürrüňini eşitdi-de, arzuwlaryň amala aşýan şäherine gitme kararyna geldi. Ahyrsoňy ol özüne ýaramaýan her bir adama ýamanlyk etme ukybyny alýar. Tankytçyl hem Gyňyrdan kem galmady, heý-de, ol süýji arzuwyny amala aşyrma umydyny — hemmeleri her bir adamda birgiden ýetmezçiligiň bardygyna we özi, Tankytçyl, bilen deňeşdireniňde, olaryň hemmesiniň hiç zada degmeýändigine ynandyrma mümkinçiligini elden giderip bilermi? Açgöz ahyrsoňy iň gowy zatlaryň özüniňki, diňe özüniňki bolup başlamagy üçin arzuwlaryň amala aşýan şäherine gitmäge howlukdy.

Bularyň hemmesem, Jyn, Gyňyr, Açgöz we Tankytçyl ýola düşenlerinde, isleýän zatlaryny aljakdyklaryna ynamlydylar. Olar, ine, ýöräp barýarlar, gidip barýarlar, ýöne biri-birine seretmeýärler, sebäbi biri-birini ýigrenýärler we hersi özüniňki hakda pikir edýär. Açgöz özüniň ýola alan iýmitiniň hemmesini iýip gutardy. Jyn hem hüňürdedi:

— Ah, sen gysganç! Hiç kime hödür hem etmedi.

Açgöz:

— Sen näme öýkeleýärsiň, saňa öz zadymdan bermänim üçinmi? Ah, sen arwah!

Gyňyr:

— Jedeli bes ediň! Siziň hemmäňize, ömür sögüşýänlere, gaharym ýetmezçilik edýär! — diýip gygyrdy.

Jyn bilen Açgöz bileleşip, Gyňyryň üstüne hüjüm etdiler:

— Eger hemme zat seniň gaharyňy getirýän bolsa, öýüňde oturmaly ekeniň! Nähili gaharjaň!

Diňe Tankytçyl dymdy, ýöne içinden:

«Nähili gözgyny adamjyklar meni gurşap alypdyr! Açgözlük edýärler, öýkeleýärler, sögüşýärler! Men bolsa, olara ýol boýy çydamaly» — diýip pikir etdi.

Düýbünden garaşylmadyk ýagdaýda ýol kesildi duruberdi. Bu sözüň doly manysynda şeýle boldy. Ýolagçylar uçudyň gyrasynda durdular. Näme etmeli? Tokaýda uzyn agaçlar ösüp durdy, olar geçelge ýasamak üçin iň berk agajy gözlemäge gitdiler. Ony tapanda-ha, tapdylar, ýöne kesip ýykmak we uçudyň üstüne oklamak üçin süýräp gelmek gerekdi. Eger hemmesi tükeniksiz jedelleşýän we sögüşýän bolsalar, onda nädip muny etjek? Jedelleri we sögüşmeleri goýup, işe başlamak gerekdi. Olaryň hemmesi bilelikde agajy ýondular, ondan pürs ýasadylar, ony uçudyň ýanyna togalap eltdiler-de, beýleki tarapa taşladylar. Ine, indi geçmek bolýardy, ýöne ätiýaçlyk üçin hiç zat ýokdy — howpludy, aşak gaçaýmagyň howpy abanyp durdy. Duşmanlar biri-biriniň elinden berk tutup, agyr zähmet bilen getirilen pürse aýgytlylyk bilen münmeli boldular.



Olar ýuwaşjadan ýöreýärler, hiç kim ýykylmaz ýaly, biri-birini gaýgy edýärler. Biri aşak gaýtsa, onuň yzy bilen hemmesem gaýdýar. Hemmesi pida bolýar. Olar şeýle pikirler hem duýgular bilen uçudyň beýleki tarapyna geçdiler. Ahyrsoňy birek-birekden eliňi aýryp, öz ýoluň bilen gidiberseň bolýardy, ýöne olar birden sag-aman geçendiklerine we diri galandyklaryna begenip, aglap hem gujaklaşyp başladylar. Indi olar gaýdyp aýrylyşmak islemediler. Şeýdibem, el tutuşyp, ýollaryny dowam etdirdiler. Olar ýylgyrýardylar, sebäbi özleri üçin täze durmuşy açypdylar ahyry.

Az ýöräp, köp ýöräp, olar giň bir derýa baryp ýetdiler, onuň köprüsi ýokdy. Ünsli seretseler, beýleki kenarda gaýyk bar eken. Ýüzmegi diňe Gyňyr başarýardy. Ol:

— Siziň hemmäňiz maňa şu ýerde garaşyň, men şol gaýygy alyp geleýin — diýip teklip etdi.

Jyn, Tankytçyl we Açgöz kenarda garaşyp durdular, Gyňyr bolsa, kynlyk bilen, ýöne barybir garşydaş kenara baryp ýetdi. Ol suwdan çykanda, şäheri gördi — şäher juda ýakyndy, eliňi uzadaýmalydy. Bu arzuwlaryň hemmesiniň amala aşýan şäheridi. Gyňyr yzyna dolanmagy nähili islänokdy, ýekeje ädim ätse, ol eýýäm barmaly ýerine barýardy. Ýöne Gyňyr gaýyga tarap ýöredi-de, ony çözüp, beýleki kenarda garaşyp duran ýoldaşlaryna tarap ýüzdi.

Ýoldaşlary bolsa, Gyňyra garaşyp durlar we gürrüň edýärler:

— Ol gaharjaň bolsa-da, birden gark bolaýsa, örän gynançly bolar.

— Eger ol bagt gözlemäge çykan bolsa, beýle bir gaharjaňam däl-ä.

Şol wagt Gyňyr kenara gelip durdy welin, beýlekileriň hemmesi bir agyzdan: «Ura!» diýip gygyrdylar.

Açgöz egnindäki penjegini çykaryp, ony gaýykdan düşüp gelýän Gyňyra uzatdy:

— Dostum, ýylyn!

Syýahatçylar gaýykda ýüzüp barýarlar, Gyňyr şäher hakda gürrüň berýär, Tankytçyl bolsa:

— Sen asla gyňyr däl-de, hakyky gowy adam! Bizi taşlap gitmediň — diýdi.

Gyňyr:

— Senem hiç hili tankytçyl däl-de, gowy ýigit, gowy sözüňe gysganyp oturaňok — diýdi.

Jyn güldi:

— Açgöz asla açgöz däl. Ol öz penjegini asla gysganmady. Men näme üçindir özümi öwmeýändikleri üçin asla öýkelämok.

Derýanyň beýleki kenarda özleriniň barýan ajaýyp şäherini olaryň hemmesi gördi.

Bu şäherde, dogrudanam, örän bagtly adamlar ýaşaýardylar. Bu şäheriň häkiminiň kimdigini siz bilýärsiňizmi? Hawa-hawa, biziň syýahatçylarymyza adaty bolmadyk şäher hakda gürrüň beren şol nätanyşdy. Görüp otursak, ol hem syýahat etmegi, onda-da bütin dünýä syýahat etmegi gowy görýän eken we betbagtlaryň hemmesini arzuwlaryň amala aşýan şäherine çagyrýan eken.

— Gadyrly ýolagçylar, agyr ýol yzda galdy, siz nähili baýrak almak isleýärsiňiz? — diýip, häkim şäheriň täze ýaşaýjylaryndan sorady. — Siz nämedir bir zady arzuw etdiňizmi?

Açgöz däl şeýle diýdi:

— Men arzuw eden zadymy ýada salmaga utanýaryn.

Gyňyr däl:

— Menem öteni ýatlamaga utanýaryn — diýdi.

Tankytçyl däl:

— Dogrymy aýtsam, menem utanýaryn.

Jyn däl:

— Men-ä, eýýäm hiç zady ýadyma düşürip bilemok. Men şeýle bagtly! — diýdi.

Hawa, dogrudanam, sahylyk, hoşniýetlilik, päk ýüreklilik, alçaklyk ýaly häsiýetler bilen betbagt bolup bolarmy?



# MAZMUNY


Atgulak ........................................................................ 5

Tomzajyk, adam we bägül ........................................... 7

Aýaz baba .....................................................................11

Tokaýdaky gurbaga we kömeleklı sebet hakda ....... 28

Kakasy, futbol we matematıka boýunça mesele ...... 33

Bagtly ýüzüşı arzuw edýärıs! .................................. 36

Sekızaýak.................................................................... 48

Towuk ......................................................................... 50

Ezber Aýnajyk ............................................................ 54

Pıanıno ........................................................................ 65

Garga we jüýje............................................................ 68

Bagt şäherı ................................................................. 72